# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – ÝURDUMYZYŇ ÄHLI SEBITLERINDE MEDENI-DURMUŞ MAKSATLY DÖWREBAP BINALAR, KUWWATLY SENAGAT KÄRHANALARY, TÄZE OBALAR, ŞÄHERLER GURULÝAR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
12-nji sentýabr, 2025. Belgisi 37/1655




# ÝURDUMYZYŇ SENAGAT KUWWATY ARTÝAR

**8-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Hormatly Prezidentimiz täze senagat desgasyny işe girizip, kärhananyň barlaghana otagy we önümhananyň önümçiligiň tehnologik prosesi bilen tanyşdy.**

Ýurdumyzy senagatlaşdyrmak, ýerli çig malyň esasynda öndürilýän önümçilikleriň gerimini giňeltmek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, önümçiligiň ylmy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga uly ähmiýet berilýär. Bu işleriň oňyn netijeleri bolsa täze önümçilik toplumlarynyň döremegine, importyň ornuny tutýan harytlaryň öndürilişiniň möçberini artdyrmaga ýardam berýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanda ýerli çig malyň binýadynda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, içerki hem daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Kuwwatly täze önümçilik desgasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy hem munuň aýdyň mysalydyr. Şol günki waka «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ösdürmek boýunça kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygyny görkezýär.

### GIJE-GÜNDIZIŇ DOWAMYNDA ÇÜÝŞE ÖNÜMLERINIŇ 100 TONNASY ÖNDÜRILER

Täze kärhana bir gije-gündiziň dowamynda ekologik taýdan arassa gaplyk çüýşe önümleriniň 100 tonnasyny öndürmäge ukyplydyr. Onda önümçilik prosesi erediji peçden başlanýar. Ýerli kwars çägesinden, hek daşyndan, dolomitden we beýleki goşundylardan ybarat çig mal 1 müň 500 gradusa ýetýän ýokary gyzgynlykda eredilýär. Soňra aýna ergini paýlaýjy fider kanallary arkaly önümçiligiň indiki tapgyryna geçirilýär. Kärhanada şeýle fider kanallarynyň üçüsi ornaşdyrylyp, olaryň her biri öz önümçilik liniýasyny aýna ergini bilen üznüksiz üpjün edýär. Aýna ergini fiderlerden çüýşe önümlerini şekile getirýän «IS» enjamlaryna geçirilýär. Bu ýokary tehnologiýaly enjamlar aýna erginini çişirmek arkaly dürli göwrümdäki gaplyk çüýşe önümlerini şekile getirýär. «IS» enjamlarynda şekil berlen önümler sowadyjy peje geçýär. Bu peçler gyzgyn aýna önümlerini kem-kemden sowatmak üçin ulanylýar. Eger-de önüm dogry we dürs sowadylmasa, aýnanyň içerki dartgynlylygy zerarly jaýrylmagy mümkin. Sowatma prosesi bu dartgynlylygy aýryp, önümleriň berk bolmagyny üpjün edýär. Kärhanada şeýle peçleriň 3-si ornaşdyrylypdyr. Sowadylan taýýar önüm konweýer lentalary boýunça hil barlag enjamlaryndan geçýär. Kameralardyr datçikler bilen üpjün edilen bu enjamlar her önümi awtomatik ýagdaýda hil barlagyndan geçirýär. Hil barlagynyň ähli tapgyrlaryndan üstünlikli geçen önümler gaplama enjamyna ugradylýar. Bu ýerde olar awtomatik ýagdaýda gaplanyp, sarp edijilere ugratmak üçin ammarlara geçirilýär. Ähli tapgyrlaryň doly awtomatlaşdyrylmagy önümçiligiň ýokary netijeliligini üpjün edýär.

Barlaghanada dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýokary tehnologik enjamlary ornaşdyryldy. Olarda kärhanada öndürilýän çüýşe gaplaryň fiziki we himiki barlaglary geçirilýär. Hususan-da, «BTLT-2» enjamynda çüýşe gaplaryň wertikal basyş çydamlylygy barlanylýar. «Vici vishion» enjamynda awtomatlaşdyrylan geometrik ölçegi, «Labniks» enjamynda çüýşe gaplaryň gidrostatik basyş barlagy, «AGR» enjamynda bolsa olaryň sürtülme we çyzylma barlagy geçirilýär.

### ÖNÜMHANA GÜWÄNAMALAR GOWŞURYLDY

Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine täze kärhanada ornaşdyrylan enjamlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän we halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänama, çüýşe önümlerini öndürýän önümhanada gurnalan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw we howpsuzlyk taýdan halkara standartlaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänama we Italiýanyň «Bottera» kompaniýasynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän toplumlaýyn dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylandygyny tassyklaýan güwänama gowşuryldy.

Dabaranyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň ýolbaşçysyna täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

# HARMANYŇYZA BEREKET, EDERMEN PAGTAÇYLAR!

**10-njy sentýabrda ýurdumyzda pagta ýygymyna köpçülikleýin girişildi. Bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli sebitlerinde badalga alyp, oba hojalyk pudagynyň we milli ykdysadyýetimiziň ösüşinde uly ähmiýete eýedir.**

5-nji sentýabrda Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiz 10-njy sentýabrda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda pagta ýygymyna girişmäge ak pata berip, pagtaçylara we oba hojalyk zähmetkeşleriniň ählisine işinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Asylly däbe görä, hormatly ýaşulular Beýik Biribardan Watanymyzyň abadançylygy, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze zähmet ýeňişlerine tarap öňe barýan halkymyzyň rowaçlygy barada doga-dileg edip, «bismilla» bilen pagta ýygymyna badalga berdiler.

Pagtaçylyk Türkmenistanyň oba hojalyk toplumynyň esasy pudaklarynyň biri bolup, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek we milli ykdysadyýetimiziň eksport kuwwatyny pugtalandyrmak boýunça maksatnamalary durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň howa şertleri pagtanyň orta we inçe süýümli görnüşleri-



ni ösdürip ýetişdirmek üçin has amatlydyr. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, oba hojalyk pudagyna sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar. Şunuň bilen birlikde, tohumçylyga, pagtanyň ýokary hasylly görnüşlerini döretmäge aýratyn üns berilýär. ■ 2

# TÄZE OBA – TÄZE DURMUŞ

**9-njy sentýabrda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňešliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň açylyş dabarasy geçirildi. Ol Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda welaýatyň ýaşaýjylary üçin ajaýyp sowgat boldy.**

Dabara ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Mejlisiniň, welaýat we etrap halk maslahatlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, hormatly ýaşulular, etrabyň ýaşaýjylary gatnaşdylar. Welaýatyň sungat ussatlarynyň bu ýerde ýaýbaňlandyrylan çykyşlary dabara gatnaşyjylaryň toý şatlygyny belende göterdi.

Soňra döwlet Baştutanymyzyň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň açylyş dabarasyna gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Gutlagda bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň her bir raýaty türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygarynyň dowamy bolan «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen syýasa-




tymyzyň iş ýüzünde amala aşyrylýandygyny öz durmuşynda görýär. Baýramçylyk günlerinde ulanmaga berilýän täze, döwrebap obalary, şäherçäni, durmuş maksatly binalary synlamaga göz gerek. Halkara ölçeglere laýyk gelýän şeýle gurluşyk taslamalarynyň türkmen gurluşykçylarynyň güýji bilen ýerine ýetirilýändigi aýratyn buýsandyryjydyr. ■ 2



## Garaşsyzlyk we Bitaraplyk – halkymyzyň goşa ganaty

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ak arzuwlar, belent maksatlar bilen mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýuny uly ruhubelentlik bilen belläris. Ýurdumyz Garaşsyzlygyna, hemişelik Bitaraplygyna eýe bolandan soň mähriban Diýarymyzda dabaraly toý tutulyp, baýram edilip bellenilýän şanly seneler watandaşlarymyzyň her biriniň buýsanjyna, milli mertebesine, guwanjyna, şatlygyna, göbek ganynyň daman topragyna bolan çäksiz söýgüsine öwrüldi. Her ýylda bellenilýän Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň baýramy bolsa şol şanly seneleriň, toý-baýramlaryň iň bir naýbaşysy, ýüregimize ýakyny diýsek hakykatdan daş düşmeris. ■ 3

## Halk Maslahaty – maslahatly geňeş



**Baş baýramymyzyň – Türkmenistanyň Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda paýtagtymyz Aşgabatda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde berkarar döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň jemleri jemlener, öňde duran möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylar. Bu işlere etrap, şäher, welaýat halk maslahatlarynyň agzalary hem işjeň gatnaşar. Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda Halk Maslahatynyň döredilmeginiň esasy maksadynyň ata-babalarymyzyň adalatly ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün etmekden ybaratdygyny nygtaýar. ■ 3**

## Ynsanperwerlik ýoly bilen

Ynsanperwerlik türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ajaýyp ýörelgeleriniň biridir. Türkmen halky uzak taryhy döwürlerden bäri nesilleriň beden we ruhy sagdynlygyna, maşgala däplerine, edep-ekrama, adamkärçilige, pähim-paýhasa, zähmete uly ähmiýet berip gelýär. Merdana ata-babalarymyz bu mukaddes ýörelgeleri asyrlaryň dowamynda kämilleşdirip, baýlaşdyryp, nesillerden-nesillere geçiripdirler.



Häzirki döwürde ýurdumyzda ynsanperwerlik ýörelgeleri has hem işjeň ösdürilýär. Ýurdumyzyň ýaşajyk raýatlary söýgi we alada bilen gurşalýar, maşgala goldaw bermek, eneligi, çagalygy goramak, ýaş nesle döwrebap terbiýe we bilim bermek ugrunda uly alada edilýär. Beýleki ýurtlaryň raýatlaryna hem ynsanperwerlik kömeginiň berilmegi hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk, özara goldaw bermek ýörelgelerine ygrarlydygyny görkezýär. ■ 3


4


### Dünýäniň süýji suw gorlary



Süýji suw ýaşaýyş üçin möhüm çeşmeleriň biri bolup, Ýer ýüzüniň hemme ýerinde deň derejede elýeterli däl. Käbir ýurt köllere, buzluklara baý bolsa, käbirini çöllükler tutýar.


5


### Isrip etmek halanylmaýan endik



Azyk önümleriniň zaýalanmagy ýa-da azyk galyndylary howanyň üýtgemegine, tebigatyň hapalanmagyna, esasan hem, kömürturşy gazynyň bölünip çykmagyna sebäp bolýar.


6


### 42-nji MTV Video baýraklary gowşuryldy




Aýdym-saz äleminiň abraýly baýraklarynyň biri bolan MTV Video baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. Nýu Ýorkda geçirilen dabarany meşhur aýdymçy LL Cool J alyp bardy.


7


### Türkmen toparlarynyň täze möwsümdäki ilkinji duşuşyklary



Aziýa futbol konfederasiýasynyň 2-nji derejeli klub ýaryşy bolan AFK Çempionlar Ligasy II bäsleşiginiň täze möwsümine geljek hepdäniň sişenbe güni, ýagny 16-njy sentýabrda badalga berler.

## Dünýäniň iň owadan obalary

«Forbes» žurnaly «Unforgettable» syýahatçylyk kompaniýasy bilen bilelikde dünýäniň iň owadan 50 obasynyň sanawyny taýýarlady. Sanawyň başynda Angliýanyň Glosterşir graflygyndaky Biberi obasy bar. Gözel tebigatly obada



syýahatçylara niýetlenen kafe we restoran ýaly ýerler bar. Sanawyň ilkinji onlugyna giren ýerleriň 8-si Ýewropada ýerleşýär. Awstriýanyň Hallştatt obasy ikinji, Norwegiýanyň Nurlann sebitiniň Lofoten adasyndaky Reýne obasy üçünji bolupdyr. Şeýle hem sanawda Githorn (Niderlandlar), Gasadalur (Farer adalary, Daniýa), Iýa (Gresiýa), Burtanž (Niderlandlar), Kotor (Montenegro), Sirakawa-go (Ýaponiýa) we Batad (Filippinler) bar.

**Alyhan NAZAROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Sanly ýewro geçiler

Ýewropa Bileleşigi VISA, «Mastercard» we «Apple Pay» ýaly halkara töleg ulgamlaryna garaşlylygy azaltmak maksady bilen sanly ýewro taslamasyny taýýarlaýar. 5 ýyl ozal Ýewropanyň Merkezi Banky tarapyndan



başlanan taslamanyň çäklerinde döwlet tarapyndan kepillendirilýän sanly töleg serişdesiniň döredilmegi maksat edinilýär.

Daniýa ýylyň başynda Ýewropa Bileleşiginiň döwürleýin başlyklygyny kabul edipdi. Ýurt 6 aý dowam edýän bu döwürde sanly ýewro taslamasyny durmuşa geçirmegi meýilleşdirýär.

Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigine agza 20 ýurt ýewro pul birligini ulanýar.

**Mähri GURBANOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Deňziň astyndan arassa suw gory tapyldy

ABŞ-nyň Keýp Kod ýarym adasynyň golaýynda geçirilen burawlaýyş işleriniň netijesinde ummanyň düýbünde garaşylandan has köp mukdarda süýji suw ýatagy tapyldy. Alymlar bu suw gorunyň buzuň eremegi ýa-da ýagyn suwunyň ýerasty suwa garyşmagy netijesinde emele gelendigini çaklaýarlar. Bu açyş suw ýetmezçiligi bolan



kenarýaka ýerlerde hem suwuň bolup biljekdigini görkezýär. Emma deňziň düýbündäki ýerasty suwy çykarmak adatdakydan has kyn bolar. Bu ýerden tapylan suwuň laboratoriýada öwreniljekdigi mälim edildi. Ylmy barlaga gatnaşan Brandon Dýugan açyşyň ähmiýetlidigine ünsi çekip, «Ýer ýüzünde süýji suwuň gözlenip bilinjek iň soňky ýeri şor suwly ummanyň astydyr. Ýagny bu düýbünden başga bir syr. Süýji suw ilkibaşda çaklaýşymyzdan has saý ýerde tapyldy we has çuňluklara uzap gidýär. Bu bolsa, çak edişimizden has köp möçberde suwuň bardygyny aňladýar» diýip belledi.

**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Gadymy şäheriň üsti açyldy

Daniýada Orhus aýlagynda suwuň aşagynda geçirilen barlaglarda gadymy ilatly nokadyň galyndylary ýüze çykaryldy. Arheologlar tapyndynyň 8 müň 500 ýyllyk taryhynyň bardygyny çaklaýarlar. Peter Mo Astrupyň ýolbaşçylygyndaky arheologlar şäheriň soňky buz eýýamy gutarandan soňra



deňiz derejesiniň ýokary galmagy netijesinde kenarýaka şäheriň suwuň aşagynda galandygyny belleýärler. Alymlaryň pikiriçe, buzuň eremegi netijesinde suwuň derejesi bir asyryň dowamynda birnäçe metr beýgelipdir. Netijede, kenarýakada ýaşaýan ilat deňizden has uzak ýerlere göçüpdir. Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde köp sanly taryhy eser hem ýüze çykaryldy. Olaryň arasynda daş gurallar, peýkamlar, agaçdan ýasalan serişdeler bar.

**Umyt KAKABAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# HARMANYŇYZA BEREKET, EDERMEN PAGTAÇYLAR!





Başlangyjy 1-nji sahypada.

Döwrebap suwaryş ulgamlaryny döretmäge, oba hojalyk toplumynyň tehniki parkyny täzelemäge uly möçberde maýa serişdeleri gönükdirilýär, döwletimiz tarapyndan dünýäniň belli kompaniýalarynyň oba hojalyk tehnikalary yzygiderli satyn alynýar. Şu gezekki ýygym möwsüminde hem meýdanlarda döwrebap kombaýnlar işlediler, pagtany daşamak üçin bolsa ýük awtoulaglary, traktorlar, traktor tirkegleri ulanylar. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, ýerlerde pagta ýygymyny bökdençsiz geçirmek maksady bilen, tehnikalara gije-gündizleýin hyzmatlar ýola goýuldy, mehanizatorlaryň we pagtaçylaryň netijeli işlemegi, dynç almagy üçin talabalaýyk şertler döredildi.

Welaýatlaryň pagta kabul ediş bölümlerine, pagta arassalaýjy kärhanalaryna üsti «ak altyn» bilen doldurylan, baýdaklar, halylar hem-de şygarlar bilen bezelen ulaglaryň ilkinji kerwenleri gelip başlady. Dabaralaryň çäklerinde oba hojalyk tehnikalarynyň, gaýtadan işleýän we dokma senagaty önümleriniň sergileri ýaýbaňlandyryldy. Bagşy-sazandalaryň, tans toparlarynyň çykyşlary baýramçylyk şowhunyny has-da artdyrdy. Pagtanyň bol hasylyny ýetişdiren öňdebaryjy kärendeçilere hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

# TÄZE OBA – TÄZE DURMUŞ





Başlangyjy 1-nji sahypada.

Dabaranyň dowamynda çykyş edenler döwrebap obanyň açylyp ulanmaga berilmeginiň welaýatyň ýaşaýjylary üçin ýatdan çykmajak waka öwrülendigini belläp, halkymyzyň abadançylygynyň, Watanymyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine uly tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler. Soňra dabara gatnaşyjylar täze Döwletli mekan obasynda döredilen mümkinçilikler bilen tanyşdylar.

Täze oba 400 sany ýaşaýyş jaýyny, geňeşligiň edara binasyny, saglyk öýüni, 640 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, söwda merkezini özünde jemleýär. Bu ýerde döwrebap ýol-ulag, aragatnaşyk, suw, elektrik, gaz üpjünçilik hem-de lagym ulgamlary göz öňünde tutulypdyr. Giň we yşyklandyryş ulgamy çekilen awtomobil ýollarynyň ugrunda gök zolaklaryň, ýörite seýilgähiň döredilmegi taslamanyň durmuşa geçirilişine hemmetaraplaýyn, şol sanda ekologik abadançylyk nukdaýnazaryndan oýlanyşykly çemeleşilendigini görkezýär.

Soňra dabara gatnaşyjylar döwrebap öýlerde döredilen amatly şertler bilen tanyşdylar. Öýleriň taslamasy düzülende, oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş aýratynlyklary we zerurlyklary göz öňünde tutulypdyr. Her öýüň howlusynda mellek ýerleri, şol sanda hojalyk zerurlyklary üçin telärler, awtoulag üçin ýörite ýer hem-de inženerçilik-tehniki düzümler döredilipdir.

Döwrebap Döwletli mekan obasyna göçüp baran bagtyýar maşgalalar ýurdumyzyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy ugrunda edýän yzygiderli tagallalary üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

# SAGLYGYM – BAŞ BAÝLYGYM

Berkarar ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, jemgyýete sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak babatda amala aşyrylýan giň gerimli işleriň netijesinde döwletimiz sagdynlygyň hem ruhubelentligiň mekanyna öwrüldi. Bu ugurda kabul edilen kanunlardyr maksatnamalar «Il saglygy – ýurt baýlygy» diýen ýörelgeden ugur almak bilen, ynsan saglygyny goramak hem-de saglygy goraýyş ulgamynyň üpjünçiligini gowulandyrmak, sagdyn durmuşy berkarar etmek baradaky tagallalary özünde jemleýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, gysga döwürde paýtagtymyz Aşgabatda hem-de sebitlerimizde saglygy goraýyş-anyklaýyş merkezleri, köpugurly hassahanalar, şypahanalar, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar guruldy. Arkadag şäherinde ýerleşýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy geljegimiz bolan ýaş nesilleriň saglygyny goramak we dikeltmek bilen bagly örän möhüm işleri alyp barýar. Häzirki döwürde eziz Diýarymyzda dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň kämil enjamlary bilen üpjün edilen bejeriş-anyklaýyş, ylmy-kliniki merkezler, döwrebap hassahanalar halkymyza hyzmat edýär.



Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýer ýüzüniň ilatynyň saglygyny goramak bilen baglanyşykly çagyryşlaryna ýurdumyzyň ilkinjileriň hatarynda seslenýändigine dünýä jemgyýetçiligi şaýatdyr. Türkmenistanda Merkezi Aziýa we GDA döwletleriniň arasynda birinji, dünýäde dördünji bolup nahar duzuny ýodlaşdyrmak, uny demir we foliý turşusy bilen baýlaşdyrmak doly ýola goýuldy. Ýurdumyzda BSGG-niň nesil öndürmäge ukyply ýaşdaky zenanlaryň, bäş ýaşa çenli çagalaryň arasynda ganazlygyň (anemiýa) agyr görnüşlerini ýok etmek, orta agyrlykly we ýeňil görnüşlerini azaltmak, çaga ýokanç keselleri garşy göreşmek baradaky çagyryşlaryna anyk çäreler geçirilip, uly üstünlikler gazanyldy. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ene süýdi bilen emdirmegi goldamaga gönükdirilen düzgünleri enäniň we çaganyň saglygyny goraýan lukmançylyk edaralarynyň ählisi diýen ýaly özleşdirip, «Çaga mähirli gatnaşykly hassahana» diýen ada mynasyp boldy.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyny toýlaýan ýylymyz «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Hemişelik Bitaraplyk ýörelgämiz ýurdumyza belent abraý, şan-şöhrat getirýär. Şanly ýylymyzyň şygary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ata Watanymyzyň hemmetaraplaýyn pajarlap ösmegi babatdaky döwletli tutumlaryny, ynsanperwer ýörelgelerini bütin aýdyňlygy bilen alamatlandyrýar.

**Ýazgül BEGLIÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# HOWPSUZLYGYMYZY ÜPJÜN EDELIŇ!

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy ýurdumyzdaky ähli önümçilik senagat kärhanalarynda ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň berjaý ediliş tertibini kesgitleýän gaýragoýulmasyz çäreler dogrusynda, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek boýunça maslahatlary bilen ýüzlenip, olaryň birnäçesini ýatladýar. Önümçilik we senagat kärhanalarynyň ýangyna garşy ýagdaýy üçin jogapkärçilik, şeýle-de Döwlet ýangyn gözegçiligi gullugynyň hem-de ýangyn howpsuzlyk bölüminiň tabşyryknamalarydyr tekliplerini ýerine ýetirmek edara-kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň üstüne ýüklenendir. Şeýle bolansoň, önümçilik we senagat kärhanalarynda önümçilikde, bölümlerde, gurluşlarda, ammarlarda, şonuň ýaly-da beýleki önümçilik desgalarynda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça işleri guramaga, ähli işgärleriň ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini ýerine ýetirmeklerini üpjün etmäge, ýangyn-tehniki işçi topar, meýletin ýangyn topar agzalaryny döretmäge, ýangyn söndüriji serişdeleri almak üçin hökmany maliýe serişdelerini goýbermegi göz öňünde tutmaga önümçilik we senagat kärhanalarynyň ýolbaşçylary borçludyrlar.



Her bir işgär öz iş orunlarynda ýangyna garşy ähli çäreleri ýerine ýetirip, iş ýerine ýa-da bölüme berkidilen ýangyn söndüriji enjamlarynyň dogry saklanylmagyna gözegçilik etmelidir. Edara-kärhanalaryň her bir işgäri, öz iş ýerinde ýa-da kärhananyň beýleki ýerlerinde ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň bozulandygyny, ýangyn söndüriji enjamlaryň, aragatnaşyk serişdeleriniň başga maksatlar üçin ulanylýandygy ýüze çykarylan ýagdaýynda düzgüni bozuja haýal etmän duýdurmaga borçludyr. Ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagy mümkin bolan ýerlerde, görkezilen düzgünleriň talaplaryny wagyz edýän suratlary ýatladyjy gollanmalar görnükli edilip ýerleşdirilmelidir. Önümçilik we senagat kärhanalaryna işe täze kabul edilen işgärlere, şonuň ýaly-da tejribelik geçmek üçin ýa-da wagtlaýyn işe gelen hemme işgärlere, şol sanda inžener-tehniki işgärlere ýangyn howpsuzlygy boýunça gözükdirme bilen giriş tanyşlygy geçilmelidir, bar bolan serişdelerdir ýangyn barada habar bermek hem-de söndürmek ulgamlary, olardan peýdalanmagyň düzgünleri doly düşündirilmelidir, ýangyn dörän ýagdaýynda ýerine ýetirmeli hereketler barada söhbetdeşlik geçilmelidir. Şeýle-de ilkinji ýangyn söndüriji serişdelerini peýdalanmagyň usullaryny görkezmek hem düşünjeleri giňeltmäge ýardam eder.

Öýden, iş ýerinden çykyp gitmezden öň elektrik-gaz akymy bilen işleýän enjamlaryň öçürilendigini barlamagy unutmaň! Elektrik-gaz akymyndan peýdalanylanda düzgünleri dogry ýerine ýetirmek bolup biläýjek nogsanlyklaryň öňüni alar.

**Kakamyrat ORAZMYRADOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 104-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň DÝGB-nyň uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

# «iPhone 17» we beýleki enjamlar tanyşdyryldy

9-njy sentýabrda «Apple» kompaniýasy täze nobatdaky seriýa degişli smartfonlaryny, sagatlaryny we gulaklyklaryny tanyşdyrdy. Seriýa täze goşulan «iPhone 17 Air» ozalky ähli smartfonlardan ýukalygy bilen tapawutlanýar. «iPhone 17»-leriň öňki kamerasy adaty 4:3 ölçeginde däl-de, kwadrat formatda surata alýan täze sensor bilen üpjün edilipdir. Telefonlaryň yz tarapynda ozalky ýyllardaky ýaly üç kamera sensory bolup, olaryň üçüsi hem 48 MP durulygynda surata düşürip bilýär. Telefonlarda «A19 Pro» çipi oturdylypdyr. 3 nm ölçegli bu çipler enjamyň has çalt işlemegine mümkinçilik berýär. Ähli smartfonlaryň ýadynyň azyndan 256 GB-dygy mälim edildi.



«iPhone 17» 799, «iPhone 17 Air» 999, «iPhone 17 Pro» 1 müň 99, «iPhone 17 Pro Max» 1 müň 199 amerikan dollaryndan satuwa çykarylar. Täze enjamlary 12-nji sentýabrda sargyt edip bolýar, 19-njy sentýabrda bolsa müşderilere ýetiriler.

«Akylly» sagatlardan «Watch Series 11» 24 sagada çenli zarýad saklaýar. «Watch SE 3» bolsa, «akylly» kömekçi «Siri» we çalt zarýad ulgamy bilen üpjün edilen. Sagatlaryň iň naýbaşysy bolan «Watch Ultra 3» saglyk, sport, howpsuzlyk we aragatnaşyk aýratynlyklary bilen tapawutlanyp, zarýady 42 sagada ýetýär. «Watch SE 3» 249, «Watch Series 11» 399, «Watch Ultra 3» bolsa 799 amerikan dollaryndan satylýar. Kompaniýa sagatlary we gulaklyklary üçin sargyt kabul edip başlady.

Kompaniýanyň täze gulaklyklary bolsa, sesi bada-bat terjime edip bilýär. Eger telefonda geplesilýän adam hem şeýle gulaklyk dakynýan bolsa, siziň sesiňizi şol wagt terjime edip, söhbetdeşiňize ýetirýär. Mundan ozal bu aýratynlyk «Google Pixel» gulaklyklarynda bardy. Täze gulaklyklaryň bahasy 249 dollar.

# Syýahatçylaryň sany artdy

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy şu ýyla degişli ilkinji maglumatlary ýaýratdy. Maglumata görä, ýylyň ilkinji 6 aýynda syýahatçylaryň sany dünýäde 690 milliona ýetipdir. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 5% ýokary bolupdyr. Guramanyň Baş sekretary Zurab Pololikaşwili syýahatçylaryň sanynyň artmagynyň ýerli ykdysadyýete goşant goşýandygyna hem-de durnukly we has giň syýahatçylyk syýasatynyň ähmiýetine ünsi çekdi. Iň ýokary ösüş Afrikada hasaba alnypdyr, Aziýa-Ýuwaş ummanyndaky dikeliş dowam edipdir. Ýanwar-iýun aýlarynda Afrikada syýahatçylaryň sany 12% artypdyr. Bu görkeziji Demirgazyk Afrikada 14% bolupdyr. Ýewropa 6 aýda 340 million halkara syýahatçy barypdyr. Bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwründäkiden 4%, 2019-njy ýyldakydan 7% ýokary diýmegi aňladýar. Amerika yklymyndaky ortaça ösüş 3% ýokarlanypdyr. Günorta Amerikada 14%, Merkezi Amerikada 2% ösüş gazanylan bolsa, Demirgazyk Amerikada geçen ýylky bilen deňeçer bolupdyr. Aziýa we Ýuwaş ummany sebiti 11% ösüpdir.



**Serdar NAZAROW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.*

## Arzan bahaly ulag hödürlär

Dünýäniň iň köp awtoulag öndürýän kompaniýalarynyň biri bolan «Volkswagen» elýeterli bahadan elektroulag öndürmegi meýilleşdirýär. Kompaniýa elektroulag bazaryndaky ornuny berkitmek maksady bilen has kiçi «ID.Cross Concept» atly elektroulagyny tanyşdyrdy. Bu ulagyň geljek ýylyň birinji ýarymynda satuwa çykarylmagyna garaşylýar. Mundan ozal kompaniýa «ID.2 all», «ID.GTI Concept» we «ID. EVERY1» atly elektroulag modellerini tanyşdyrypdy. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Oliwýer Blýum häzirki wagtda Ýewropa elektroulag bazarynyň 28 göteriminiň özlerine degişlidigini aýdyp, bu ugurda uly tapawut bilen öňdebaryjydyklaryny habar berdi. Täze ulagyň bahasy 25 müň ýewrodan başlanar. Kompaniýanyň paýnamalary ýylyň başyndan bäri 12,2% gymmatlady.



**Oguljan ATAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Robot oýunlary geçirildi

Olimpiýa oýunlarynyň Watany hasaplanýan Gresiýa robot oýunlaryny hem geçirmegi meýilleşdirýär. Golaýda ilkinji häzirki zaman olimpiýa oýunlarynyň geçirilen ýeri bolan Olimpiýa şäherinde Halkara adamsypat Robot Olimpiýa oýunlary geçirildi. Bu olimpiýa oýunlarynda meýdança adamlaryň deregine iki aýakly robotlar çykdy. Tehnologiýa bilen sporty birleşdirýän täsin çäräniň çäklerinde dürli sergiler, ussatlyk sapaklary we oýunlar guraldy. Bäş gün dowam eden çärede kompaniýalar öndüren önümlerini tanyşdyrmaga hem mümkinçilik aldy. Ilkinji gezek guralan ýaryşda medal gowşurylyş dabarasy geçirilmedi. Emma guramaçy topar gatnaşyjylaryň artmagy bilen geljek ýyllarda has iri çäre geçirmegi maksat edinýär. Şu ýylyň 15-17-nji awgustynda Hytaýyň paýtagty Pekinde Bütindünýä adamsypat robot oýunlary geçirilipdi.



**Humaý AGALYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 12-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117098
Belgisi: 37/1655
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Premýer-ministrlige mynasyp dalaşgär.** Ýaponiýada ýurduň Premýer-ministri wezipesine ilkinji gezek zenan saýlanyp biler. Wezipesinden çekilýän Premýer-ministr Sigeru Isibanyň hökümetinde ykdysadyýet ministri we daşary işler ministri bolup işlän 64 ýaşly Sanae Takaiti saýlanan halatynda Ýaponiýanyň taryhynda ilkinji zenan Premýer-ministr bolar. Soňky saýlawda Takaiti ikinji tapgyra çykyp, 21 ses tapawudy bilen Sigeru Isibadan (194 - 215) ýeňlipdi.



**Ýylyň iň güýçli giperkary.** «Koenigsegg Gemera» 2025-nji ýylda iň güýçli awtoulaglaryň sanawynda birinji orny eýeledi. Bu ulag Şwesiýanyň «Koenigsegg» kompaniýasy tarapyndan öndürilen 4 orunlyk gibrid giperkardyr. Ýatlap geçsek, ýylyň başyndan bäri Ýewropa Bileleşiginde, takmynan, 6,5 million täze ýolagçy awtoulagy satyldy. «Volkswagen» ýewropaly sürüjileriň arasynda iň meşhur brend bolmagynda galýar.



**Batyllaryň görşüni bölekleýin dikelder.** Neýroimplantlary döretmäge ýöriteleşen Ilon Mask tarapyndan esaslandyrylan «Neuralink» kompaniýasy 2026-njy ýylda bütinleý görmeýän hassalarda görşi dikeltmek boýunça ilkinji amallary meýilleşdirýär. Ilon Mask Kanadada geçirilen ilkinji operasiýa baradaky habarlary teswirläp şeýle diýdi: «Geljek ýyl görmeýän adamlaryň görşüni bölekleýin dikeltmek niýetimiz bar».



**Emeli aň kontentlerine bellik goýlar.** Hytaý dünýäde ilkinji bolup «WeChat» we «TikTok» ýaly platformalarda emeli aň tarapyndan döredilen kontentler üçin hökmany bellik girizdi. 1-nji sentýabrdan güýje giren bu kanun ähli platformalardan emeli aň tarapyndan döredilen kontentlere bellik goýmagy talap edýär. Bu dünýädäki ilkinji şeýle kanun bolup, emeli aňyň kömegi bilen döredilen tekstlere, suratlara, wideolara we seslere degişlidir.




**Hindistanda maglumat merkezini gurar.** «OpenAI» Hindistanda 1 gigawat kuwwaty bolan maglumat merkezini gurmagy meýilleşdirýär. Taslama «Stargate» brendi bilen emeli aň infrastrukturasynyň giň gerimli ösüşiniň bir bölegi bolar. Bu kompaniýa eýýäm resmi taýdan Hindistanda hasaba alyndy we ýerli topar döredip başlady. Awgust aýynda «OpenAI» ýylyň ahyryna çenli Nýu-Delide ilkinji ofisini açmagy meýilleşdirýändigini mälim etdi.




**Tango boýunça dünýä çempionaty.** Argentinada geçirilen tango boýunça dünýä çempionatynda tansyň dörän ýurdunyň wekilleri ýeňiji boldy. Ýaryşa dünýäniň 37 ýurdundan 500-den gowrak jübüt gatnaşdy. Ýeňijileriň her biri 4 müň 500 funt sterling, şeýle-de indiki çykyş etmeli ýeri Pariže petek aldylar. «Salon Tango» bäsleşiginde Jesika Arfenoni we Maksimilian Kristiani, «Stage Tango»-da bolsa, Gwido Palasios we Florensiýa Kastilla ýeňiş gazandy.



**Düwnük keseline garşy sanjym.** Rus alymlary tarapyndan rak keseline garşy işlenip düzülen sanjym ulanylmaga taýýar. «Enteromix» sanjymy howpsuzlygyny we ýokary netijeliligini subut eden kliniki synaglardan üstünlikli geçdi. Alymlar bu sanjymyň çişiň göwrümini azaldýandygyny, ösüşini haýalladýandygyny, şol sanda, howpsuzdygyny tassyklap, onuň esasanda, kolorektal (içegede döreýän çiş) rak keselini bejermek üçin ulanyljakdygyny habar berdiler.



**Patent sany boýunça birinji orunda.** Dünýäde 2000-nji ýyldan 2025-nji ýyla çenli döwürde nanotehnologiýa pudagy boýunça 1,07 milliondan gowrak patent berlip, olaryň 464 müňüsi Hytaýyň paýyna düşýär. Maglumatlara görä, Hytaýyň paýy ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň we Koreýa Respublikasynyň umumy jeminden has ýokarydyr. Hytaý soňky 25 ýylda dünýädäki nanotehnologiýa patentleriniň 43 göterimini emele getirip, dünýäde birinji orunda durýar.

## TARYHDA ŞU GÜN



**1504-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Hristofor Kolumb dördünji we soňky syýahatyny tamamlap, Amerikadan Ispaniýa gitdi. 1502-nji ýylda başlanan bu syýahatda Kolumb Merkezi Amerikanyň kenarlaryny gözden geçirdi, Trinidad ýaly birnäçe adany ýüze çykardy we Günorta Amerikanyň gury ýer bölegine baryp ýetdi. Ol 1504-nji ýylda Ispaniýa gaýdyp geldi we 1506-njy ýylda aradan çykdy.**

## Premýer-ministr wezipesine bellendi

**Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron ýurduň goranmak ministri Sebastýen Lekornýuny Premýer-ministr wezipesine belledi. Lekornýu syýasy partiýalaryň ýolbaşçylary bilen maslahatlaşandan soň, ministrleriň sanawyny döwlet Baştutanynyň tassyklamagy üçin hödürlär.**

**Hökümetiň täze Başlygyna parlamentdäki partiýalar bilen geňeşmeler geçirmek, şol sanda ýakyn aýlarda karar kabul etmekde möhüm boljak indiki ýyl üçin býujet baradaky şertnamalary düzmek tabşyryldy.**

**8-nji sentýabrda Fransiýanyň Milli ýygnagy Premýer-ministr Fransua Baýru ynam bildirmedi. 9-njy sentýabrda Baýru işinden çekilýändigini mälim etdi.**

**Sebastýen Lekornýu 1986-njy ýylda Obonn şäherinde dünýä indi. Ol Panteon-Assas uniwersitetinde hukuk boýunça bilim aldy. Ol 2002-nji ýylda syýasy karýerasyna başlap, 2017-nji ýylyň iýulynda**



**Eduar Filippiň hökümetinde Döwlet sekretary wezipesini eýeledi. 2020-2022-nji ýyllarda deňiz çäkleriniň işi boýunça ministrlige ýolbaşçylyk etdi. Ol 2022-nji ýylyň 20-nji maýynda goranmak ministri wezipesine bellendi.**

## Tailandyň täze Premýer-ministri

Tailandyň parlamenti 58 ýaşly Anuthin Çanwirakuny Premýer-ministr wezipesine saýlady. Ol 2023-nji ýyldan bäri ýurduň üçünji lideri bolar.

Anuthin Çanwirakun parlamentiň aşaky palatasynda sesleriň 273-sini gazanyp, bu ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan 247 sesden köp. Onuň esasy bäsdeşi Çinnawatyň täsirli maşgalasynyň ýolbaşçylygyndaky topardan bolan dalaşgär Çaýkasem Nitisiri 132 sese eýe boldy.

Anuthin parlamentdäki iň uly güýç bolan öňdebaryjy Halk partiýasy bilen şertnama baglaşmagy netijesinde saýlawlarda ýeňiş gazandy. Bu partiýa Konstitusiýa üýtgetmeleri girizmek boýunça sala-salşyk geçirmegi we 4 aýyň içinde saýlawlaryň wagtyny kesgitlemegi wada berdi.

Anuthin mundan öň Premýer-ministriň orunbasary, içeri işler ministri we Tailandyň saglygy goraýyş ministri bolup işledi. Ol Halk partiýasynyň girmeýän azlyk hökümetine ýolbaşçylyk eder we ýurdy dolandyrar. Golaýda Çinnawatyň maşgalasyndan altynjy Premýer-ministr Phethongthan Çinnawatyň wezipesinden çekilendigi habar berildi. Tailandda täze Premýer-ministriň saýlanmagy, Patyşalygyň Konstitusiýa kazyýetiniň karary bilen ýerine ýetirilýär.

Tailand Patyşalygy Günorta-Gündogar Aziýa-



da, Hindihytaý ýarym adasynyň günorta-günbatar böleginde we Malaý ýarym adasynyň demirgazyk böleginde ýerleşýär. 1939-njy ýyla çenli we 1945-1949-njy ýyllarda bu ýurt Siam ady bilen tanalýardy. Paýtagty Bangkok.

## AWTOULAG ÖNDÜRMEKDE DÜNÝÄ LIDERLERI

Geçen ýyl dünýäde 92 milliondan gowrak awtoulag öndürildi. Bu ugurda Hytaý, ABŞ we Ýaponiýa öňde barýar. Bu üç ýurt öndürilen ulaglaryň 54 göterimini emele getirdi. Şeýle-de bolsa, Hindistan, Meksika we Braziliýa ýaly ösüp barýan bazarlar hem bu sanawdaky ornuny ýokarlandyrýar. Awtoulag öndürijileriniň halkara guramasynyň (Organisation Internationale des Constructeurs d'Automobiles, OICA) maglumatlarynda ýurtlar boýunça awtoulag serişdeleriniň öndürilişi görkezilýär.

2024-nji ýylda Hytaý 31 milliondan gowrak awtoulag öndürdi. Bu bolsa, ABŞ bilen Ýaponiýanyň bilelikdäki önümçiliginden hem has köp-



dür. Bu möçber içerki islegiň, elektroulaglaryň çalt kabul edilmeginiň we ösýän eksport torunyň kömegi bilen şertlenendir. ABŞ we Ýaponiýa 2023-nji ýyl bilen deňeşdirilende, önümçiliginiň pese gaçandygyna garamazdan, dünýäde iň uly awtoulag öndürijilerdir.

Ýurtlara görä önümçiligiň nähili üýtgeýändigini bellemek gerek. Mysal üçin, Hytaýda önümçiligiň köp bölegi täjirçilik maksatly ulaglar (3,8 million) däl-de, ýolagçy awtoulaglarydyr (27,5 million). ABŞ-da ýagdaý düýpgöter tersine – 2024-nji ýylda ýurtda 9,1 million täjirçilik maksatly ulag we jemi 1,4 million ýolagçy awtoulagy öndürildi.

Ösüp barýan bazarlar awtoulag önümçiliginiň esasy merkezi hökmünde öz statusyny berkidýärler. Olaryň ösüşi girdejileriniň artmagy, sebit söwda şertnamalary we üpjünçilik zynjyrlarynyň has gymmat sebitlerden göçürilmegi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Meksika 2019-njy ýylda San-Luis-Potoside zawodyny açan BMW ýaly brendler üçin esasy iri önümçilik bazasyna öwrüldi. «Tesla» Meksikada «Gigafabrika» gurmagy meýilleşdirýär.

Russiýa 2024-nji ýylda iň ýokary ýyllyk önümçilik ösüşini 35 göterime ýetirdi. Soňky ýyllarda ýurt içerki we hytaý brendleri bilen dolduryldy. 2023-nji ýylyň ýagdaýyna görä, LADA Russiýada iň meşhur awtoulag brendi bolup, bazardaky paýy 30,7 göterime deň, ondan soň «Chery» (11,2%), «Haval» (10,6%) we «Geely» (8,8%) ýaly Hytaý brendleri gelýär.

## Ýewropada elektroulag öndürer

«Toyota Motor» Çehiýanyň Kolin şäherindäki zawodda elektroulaglaryny öndürip başlajakdygyny mälim etdi. Ýapon konserni şu wagta çenli Ýewropada hiç wagt doly elektroulag öndürmändi.

«Toyota» Çehiýada haýsy modeliniň öndüriljekdigini we önümçiliginiň haçan başlajakdygyny aýtmady. Kompaniýa munuň üçin diňe Kolindäki zawody ep-esli giňeltmelidigini aýtdy. Munuň üçin, takmynan, 680 million ýewro bölünip berler, şolardan 64 million ýewrony awtoulag öndürijisi Çehiýanyň hökümetinden alar.

Çehiýanyň Premýer-ministri Petr Fialanyň belleýşi ýaly, awtoulag pudagy ýurduň jemi içerki önüminiň, takmynan, 10 göterimini üpjün edýär we «Toyota» kompaniýasynyň karary «ýurtda awtoulag önümçiligini gorap saklamak» üçin möhüm ädimdir. Şu ýylyň mart aýynda




«Toyota» Ýewropa bazary üçin dokuz sany täze elektroulagyň çykarylandygyny habar berdi. Olar şu ýyl we indiki ýyl satuwa çykarylar.



## Gün energiýasyny ösdürmekde öňde

Afrikada Hytaý panelleriniň köp mukdarda import edilmegi netijesinde, Gün energiýasy ösdürilýär. Marokko diňe bir yklymyň esasy import edijilerinden biri bolman, eýsem, ýerli senagatyň ösüşinde öňdebaryjydyr.

«Ember» gözleg toparynyň iň soňky hasabatyna görä, Patyşalyk sebitde energiýa geçişinde öňdeligi eýeleýär. Ýakynda Marokko önümçilik kuwwatyny ýylda 1 GW-a çenli iki esse artdyryp, senagat önümçiliginde möhüm ösüşi görkezdi.

«Afrikanyň Gün energiýasynyň ösüşiniň ilkinji subutnamalary» atly hasabatda 2024-nji ýylyň iýulyndan 2025-nji ýylyň iýun aýyna çenli Hytaýdan jemi 15 032 MWt energiýa öndürýän paneller import edilip, bu öňki ýyl bilen deňeşdirilende, 60% ýokarlandy.

Şeýle-de bolsa, «Ember»-iň maglumatlaryna görä, Marokko öz Gün paneli önümçiligini güýçlendiren az sanly Afrika ýurtlaryndan biridir. Önümçilik kuwwatyny ýylda 1 GWt-a çenli iki esse artdyran bu strategiýa, üpjünçilik zynjyryny döretmäge we importa garaşlylygy azaltmaga gönükdirilendir.

Gün energiýasynyň ösüşi global energiýa strategiýasynyň bir bölegidir. Marokko gaýtadan dikeldilýän energiýanyň paýyny 2030-njy ýyla çenli bellenen kuwwatynyň 52 göterimine çenli ýokarlandyrmagy maksat edinýär. 2023-nji ýyla çenli bu energiýa çeşmeleri milli elektrik energiýa balansynyň, takmynan, 40 göterimini emele getirdi.

## Dünýäniň süýji suw gorlary

Süýji suw ýaşaýyş üçin iň möhüm çeşmeleriň biri bolup, Ýer ýüzüniň hemme ýerinde deň derejede elýeterli däl. Käbir ýurtlar köllere, derýalara we buzluklara baý bolsa, käbir ýurtlar onuň ýiti ýetmezçiligi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Bütindünýä banky ýurtlar boýunça täzelenip bilýän süýji suw çeşmeleri barada maglumatlary ýaýratdy.

Maglumatlara görä, süýji suw Ýer togalagynyň umumy suwunyň bary-ýogy 3 göterimini düzýär, onuň köp bölegi buzluklarda we ýerastynda saklanýar.

Braziliýa (Dünýädäki süýji suw gorlarynyň 13 göterimi) Amazon basseýniniň kömegi bilen dünýäde täzelenip bilýän süýji suw gorlarynyň möçberi boýunça birinji orny eýeläp, dünýädäki derýa akymlarynyň, takmynan, bäşden bir bölegini emele getirýär.

Dünýädäki süýji suw gorlarynyň 10 göterimden gowragy Russiýada bolup, müňlerçe derýada, kölde, şol sanda dünýäniň doňmadyk süýji suwunyň 20 göterimini öz içine alýan Baýkal kölünde saklanýar.

Kanadada (dünýädäki süýji suw gorlarynyň 6,7 göterimi) Demirgazyk Amerikanyň ýerüsti süýji suwlarynyň, takmynan, 84 göterimini öz içine alýan iki milliondan gowrak köl bar.

Ýer ýüzündäki süýji suwuň 6,6 göterimi Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bolup, Missisipi, Kolorado we Kolumbiýa ýaly esasy derýa ulgamlary millionlarça adamy suw bilen üpjün edýär. Şeýle-de bolsa, suw ýetmezçiligi barha çynlakaý meselä öwrülýär, esasan hem, Günor-




ta-Günbatarda suwly ýerler azalýar.

Hytaýyň süýji suw gorlary (dünýädäki süýji suw gorlarynyň 6,6 göterimi) uly, ýöne ýurduň hemme ýerinde deň däl – günortada demirgazyga garanyňda has köp ýagyş ýagýar. Ýanszy derýasy oba hojalygyny, senagaty we 400 milliondan gowrak adamy suw bilen üpjün edýän möhüm suw gorudyr.

## OPEK+ nebit önümçiligini artdyrar

**OPEK-iň öňdebaryjy 8 ýurdy nebit önümçiligini her günde 137 müň barrele çenli (sentýabr aýy bilen deňeşdireniňde) artdyrmak barada karara geldi.**

**«Durnukly global ykdysady mümkinçilikler we pes nebit ätiýaçlyklarynda şöhlelenýän amatly bazar esaslary nazara alnyp, gatnaşyjy 8 ýurt, 2023-nji ýylyň aprelinde mälim edilen her gün 1,65 million barrele garanyňda, önümçiligini her günde 137 müň barrele çenli üýtgetmek barada karara geldiler» diýlip, OPEK-iň beýanatynda aýdylýar.**

**OPEK-iň maglumatlaryna görä, Russiýa we Saud Arabystany her gün nebit önümçiligini 42 müň barrele, Yrak 17 müň barrele, BAE 12 müň barrele, Kuweýt 11 müň barrele, Gazagystan 6 müň barrele, Oman 3 müň barrele, Alžir bolsa 4 müň barrele çenli artdyryp biler.**

**Häzirki wagtda önümçilik kwotalary: Russiýa üçin – her günde 9,491 million barrele, Saud Arabystany üçin 10,02 million barrele, Yrak üçin 4,237 million barre-**




**le, Kuweýt üçin 2,559 million barrele, BAE üçin 3,387 million barrele, Gazagystan üçin 1,556 million barrele, Oman üçin 804 müň barrele we Alžir üçin 963 müň barrele deň.**

## Merilin Monronyň öýi saklanar

**Los-Anjelesiň kazyýeti aktrisa Merilin Monronyň ömrüniň soňky günlerinde ýaşan jaýynyň ýykylmagyny gadagan etdi.**

**Kazyýet 2-nji sentýabrda karar çykardy. Kazy Los-Anjeles häkimiýetleriniň aktrisanyň öýüni taryhy ýadygärlik hökmünde ykrar etmegini dogry hasaplaýandygy barada netijä geldi.**

**Jaýyň täze eýeleri 2023-nji ýylda ýeri we jaýy 8,35 million dollara satyn alyp, howlyny abadanlaşdyrmak maksady bilen ony ýykmakçy boldular. Şäher geňeşi binany 2024-nji ýylda taryhy ýadygärlik hökmünde ykrar edipdi.**

**Monro bu jaýy 1962-nji ýylyň başynda satyn alyp, şol ýylyň awgust aýynda aradan çykýança ol ýerde ýaşapdy.**

**Merilin Monro (hakyky ady Norma Jin Mortenson) 1926-njy ýylda Los-Anjelesde dünýä inýär. Ol döredijilik karýerasyna model hökmünde başlaýar, ýöne basym kinostudiýalaryň ünsüni özüne çekýär we 1946-njy ýylda filmlerde surata düşüp ugraýar. Şowly karýerasy netijesinde, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we janköýerleriň ünsüni çekip, aktrisa geçen asyryň iň parlak ýyldyzlarynyň birine öwrüldi.**

**Merilin Monro dürli filmlerde baş keşplerde surata düşüp, meşhurlyk gazanýar. Ol amerikan kinosynda we dünýä medeniýetinde giňden tanalýan şahsyýetleriň biridir. Monro aradan çykan wagty filmleri dünýä prokatynda 200 million dollardan gowrak girdeji getirdi.**





# AWSTRALIÝANYŇ «ÝALŇYZ ŞÄHERI»



Günbatar Awstraliýanyň günbatar paýtagty bolan Pert plýažlary, dostlukly halky we güneşli howasy bilen tanalýan şäherleriň biridir. 2 milliondan gowrak ilaty bolan bu şäher Awstraliýa yklymynyň Swan derýasynyň boýunda ýerleşýär. Pert şäheri tebigy gözellikleriň, milli seýilgähleriň we tebigaty söýýänleriň mekany hasaplanýar. Şäherde tokaý zolaklary köp bolup, gündogaryny Darling gerşi emele getirýär, günbataryny bolsa Hindi ummany ýuwýar. Şäheriň deňiz kenarlary 19 reňkli çägesi bilen tapawutlanýar.

Pert şäheriniň geografik taýdan ýerleşişi göz öňünde tutulyp, dünýäniň iň uzak şäheri ýa-da dünýäniň «iň ýalňyz şäheri» hem diýilýär. 6 müň 418 inedördül kilometr meýdany tutýan Pert şäherine iň ýakyn şäher Adelaýd bolup, 2 müň 500 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Güneşli howasy we gijeki yşyklandyrylyşy sebäpli Pert şäherine köpler «çyralar şäheri» (ýagty şäher) hem diýýärler. Mundan başga-da, Pert şäherine «Awstraliýanyň derwezesi» hem diýilýär.

Şäher köp sanly medeniýetiň we däp-dessurlaryň jemlenen ýeri bolup, ýylyň dowamynda birnäçe çäreler, festiwallar we dynç alyş konsertleri geçirilýär. Awstraliýanyň günbatar şäheri gülläp ösýän şäherleriň biridir. Bu ýerde köp sanly söwda merkezleri, restoranlar we güýmenje merkezleri bar. Londony ýadyňa salýan şäher gurluşygy bolan Pert şäherinde beýik binalaryň birnäçesi bolup, iň meşhury «Perth Town Hall» şäheriň dolandyryş merkeziniň edara binasy hasaplanýar. Jorjiýa soboryndaky Bell diňi hem şäheriň nyşanlarynyň biridir.



Port şäheri oba hojalygy, dagmagdan senagaty we ösen maldarçylyk pudagy bilen tanalýar. «Perth Mint» käni dünýäniň iň gadymy magdan känleriniň biri bolup, bu ýerden irki döwürlerden bäri altyn gazylyp alynýar. Şäherde ýük daşamak üçin, esasan, demir ýol ulgamyndan peýdalanylýar.

Şäheriň ýaşaýjylary myhmansöýer bolup, syýahatçylary güler ýüzi bilen garşy alýarlar. Şäherde syýahatçylar üçin birnäçe çäreler hödürlenýär. Olardan balyk tutmak, gaýykly ýüzmek, şäher seýilgählerinde medeniýetli dynç almak, açyk howada gezelenç etmek, tokaýda dynç almak ýaly güýmenjeler bar. Pert Kotteslo kenary, Skarboro we Bondi ýaly kenarýaka dynç alyş merkezleri bilen meşhurdyr. Swan derýasy şäheriň esasy nyşanlarynyň biri bolup, esasy çäreler bu ýerde guralýar. «Kotteslo Beach Beach» myhmanhanasy Pert şäheriniň meşhur ýerleriniň biri bolup, Awstraliýanyň iň köne myhmanhanasy hasaplanýar. Şäherde



gül ösdürip ýetişdirmäge hem uly üns berilýär. Şol sebäpli şäher seýilgählerinde we botanika baglarynda gülleriň dürli görnüşlerini görmek bolýar. «King Park» botanika bagy dünýädäki iň uly şäher seýilgähleriniň biri bolup, dürli ösümlikleriň we ýabany tebigatyň mekany hasaplanýar.

Şäherdäki milli seýilgählerde janly-jandarlaryň howpsuzlygyna uly üns berilýär. Şäherde öz ugruna gezip ýören kengurulara, koala we kwokka ýaly şadyýan jandarlara duş gelmek bolýar. Bu ýere barýan syýahatçylar Awstraliýanyň endemik jandarlarynyň ýanynda durup ýadygärlik surata hem düşüp bilýärler. Pert şäherine her ýyl 5 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# Isrip etmek halanylmaýan endik

**Azyk önümleriniň zaýalanmagy ýa-da azyk galyndylary howanyň üýtgemegine, tebigatyň hapalanmagyna, esasan hem, kömürturşy gazynyň bölünip çykmagyna sebäp bolýar. Şol sebäpli isripçiligiň öňüni almak derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Bilermenler her bir adamyň ekologiýa abadançylygyna goşant goşmagyna hem-de öz çykdajylaryny azaltmagyna mümkinçilik berýän usullary hödürleýärler.**



**Satyn alnan gök önümleri zaýalanmazlygy üçin her gün gözden geçirmeli. Azyk önümlerini, esasan hem, gök önümleri terligine az-azdan satyn almaly. Eger-de köp mukdarda alnan ýa-da melleginizde ösdürip ýetişdiren bolsaňyz, olaryň uzak saklanmagy üçin amatly şertleri döretmeli.**

**Sanaw düzmek.** Söwda etmäge gitmezden ozal, gerekli zatlaryň sanawyny taýýarlamaly. Bu babatda aşhananyň içine göz gezdirmek zerur bolup, sowadyjyda nämäniň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamaly. Bazara ýa-da söwda nokatlaryna barlanda sanawdaky gerekli zatlary satyn almaly. Öýüňizde öň hem bar bolan ýa-da zerur bolmadyk iýmit önümlerini satyn almak isripçilige sebäp bolar.

**Iýmitiň ýaramlylyk möhletine üns bermek.** Azyk önümleri belli bir sene aralykda ulanmaga ýaramly diýen ýazgy bilen ulanyşa goýberilýär. Şol sebäpli azyk önümleriniň ýaramlylyk möhletine üns bermek zerurdyr. Eger gerekli önümiňiziň ýaramlylyk möhleti ýakynlan bolsa, şol möhlete çenli iýmiti gutaryp biljekdigiňiz barada pikir ediň! Gutaryp bilmerin öýtseňiz, onda satyn almakdan saklanyň! Gury iýmitleri, galla we aş önümlerini uzak wagtlap saklap bolýar.

**Aşhanany her gün gözden geçirmek.** Satyn alnan gök önümleri zaýalanmazlygy üçin her gün gözden geçirmeli. Azyk önümlerini, esasan hem, gök önümleri terligine az-azdan satyn almaly. Eger-de köp mukdarda alnan ýa-da melleginizde ösdürip ýetişdiren bolsaňyz, olaryň uzak saklanmagy üçin amatly şertleri döretmeli. Gök önümleriň gabygy garalyp ýa-da ýygrylyp ugramazdan öň gutarmagyny göz öňünde tutmaly.

**Dogry saklamak.** Käbir iýmit önümlerini sowadyjyda, käbirlerini bolsa otag şertinde saklap bolýar. Şol sebäpli satyn alnan iýmitleriň saklanyş ýagdaýyny bilmek zerurdyr. Şeýlelikde, siz azyk önümlerini galyndysyz sarp edip bilersiňiz.

**Galan naharlary doňduryp goýmak.** Maşgala agzalaryňyzyň iýip biljek naharyny taýýarlamaly hem-de ony her kime aýratynlykda hödürlemeli. Şeýlelikde, tabakda artykmaç naharyň galmagynyň öňüni alarsyňyz. Eger-de tagam köp mukdarda taýýarlanan bolsa, galanyny sowadyjyda goýmaly.

**Iýip bilmejegiňi paýlaşmak.** Öýde ýa-da köpçülikleýin naharlanylanda iýip bilmejek bölegiňi ýakynlaryň bilen paýlaşmaly. Dostlaryňy agşamlyk naharyna çagyrmaly we bilelikde iýmeli. Bu isripçiligiň öňüni almak, şeýle hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkitmek üçin iň gowy usullaryň biridir.

***Islendik zady, şol sanda iýmit önümleriniň diňe geregini satyn almak siziň hojalyk çykdajylaryňyzy azaltmak üçin hem zerurdyr.***

# Sahna oýunlaryna tomaşa etmegiň peýdasy

**Teatr dünýädäki iň gadymy güýmenjeleriň biri bolup, müňlerçe ýyl bäri adamlara gülki-şatlyk paýlap gelýär. Sahna oýunlaryna tomaşa etmek durmuşy baýlaşdyrýan we maşgala gatnaşyklaryny jebisleşdirýän iň ajaýyp usullaryň biridir. Teatr diňe bir lezzetli dynç alyş we gyzykly başdangeçirme bolman, eýsem, sagdyn durmuş ýörelgesi üçin hem peýdalydyr.**

**Sussupesligi aýyrýar.** Bilermenler gülkiniň iň oňat dermandygyny belleýärler. Şol sebäpli çeperçilik çärelerine gatnaşýan adamlarda sussupeslik we göwnüçökgünlük ýaly alamatlar az gabat gelýär.

**Beýnini işjeňleşdirýär.** Sahna oýunlaryna tomaşa edýän adamlarda beýni has işjeň ýagdaýda bolýar. Sebäbi sahnada keşbi janlandyrýan artistleriň diýýän sözleri we hereketleri baradaky pikirler, ýagny wakalar beýniden yzygiderli geçip durýar. Şol sebäpli çagalary kiçiliginden teatra äkitmek maslahat berilýär. Şeýle ýagdaýda çagalaryň göz-



ýetimi giňäp, hyýaly oýlanmalary güýçlener hem-de sungat we teatr ýaly döredijilik işleri bilen içgin gyzyklanyp başlamagyna mümkinçilik dörär.

**Duýgulary ösdürýär.** Teatrda kinodan tapawutlylykda, artistleriň ýerine ýetirýän keşbine we sahnadaky wakalara janly ýaýlymda tomaşa edilýär. Sahna oýunlary hyýallaryň ösmegine mümkinçilik berýär. Gahrymanlar bilen tanyşmak, olar bilen söhbetdeş bolmak adamyň duýgularynyň ösmegine getirýär.

**Ünsi güýçlendirýär.** Teatrda ähli pikiriň sahna gönükdirilýär. Sahnadaky hereketler göz bilen yzarlanýar hem-de beýni bilen seljerilýär. Bu ünsüň güýçlenmegine ýardam edýär. Ünsüni jemlemek kyn bolan adamlara sahna oýunlaryna tomaşa etmek maslahat berilýär.

**Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny berkidýär.** Teatra dürli ýaşdaky, dürli kärdäki adamlar ýygnanýar we bilelikde sahna oýunlaryna tomaşa edilýär. Bu ýagdaý jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has-da berkemegine getirýär.

## ÇAGALAR

**Deňiz ýyldyzynyň her aýagynyň ujunda garaňkyda hem görmäge mümkinçilik berýän göze meňzeş nokatlar bar.**

# AÝYŇ ÝÜZI NÄDIP TUTULÝAR?

**Günüň tutulmagy, ýyldyrymyň çakmagy, älemgoşaryň çykmagy we meteoridiň Ýere gaçmagy ýaly tebigy hadysalar irki ýyllardan bäri adamlaryň ünsüni özüne çekýär. Bu hadysalaryň nädip ýüze çykýandygy barada adamlarda dürli pikirler döräp, ylmy garaýyşlar we seljermeler beýan edilýär. Şeýle hadysalaryň biri hem Aýyň ýüzüniň tutulmagy hasaplanýar. Eýsem, Aý nädip tutulýarka? Bu hadysa näçe wagtdan gaýtalanýarka?**



Bilşimiz ýaly, Günüň daşyndan ähli planetalar – Ýer, Mars, Ýupiter, Wenera, Saturn, Merkuriý, Uran we Neptun halkalaýyn aýlanýar. Planetalaryň ählisiniň öz hemrasy bar. Ýeriň hemrasy Aý bolup, gijesine ýalkym saçýan bu hemra planetamyzyň daşyndan aýda (27,3 gün) bir gezek aýlanýar. Ýer öz okunyň daşyndan bir gije-gündiziň (24 sagat) dowamynda bir gezek aýlanýar. Şeýlelikde, gündiz we gije emele gelip, gündizine Güni, gijesine bolsa Aýy görýäris. Aslynda, Aý ýagtylyk saçmaýar. Aý Günden gelýän şöhläni serpikdirmegi netijesinde bize ýagty ýaly bolup görünýär. Ýeriň hemrasynyň inçejik Aý, ýarym Aý, dolan Aý ýaly görnüşde bolmagy Aýyň hereketi bilen baglydyr.

7-nji sentýabrda Aýyň ýüzüniň tutulmagy hadysasy bolup geçdi. Bu hadysa dünýäniň köp ýurdunda syn edildi. Bu gezekki Aýyň tutulmasy gyzyl reňkli bolup göründi. Şol sebäpli astronomlar oňa «ganly Aý tutulmasy» diýip at berýärler. Bu hadysa 1 sagat 20 minut töweregi dowam etdi.

**AÝ NÄDIP TUTULÝAR?**

Bu hadysa Ýer Gün bilen Aýyň arasyndan geçende ýüze çykýar. Ýagny Ýer Aýa düşýän Gün şöhlesiniň öňüni alyp, Aýa Ýeriň kölegesi düşýär. Şeýlelikde, asmanda täsin görnüş emele gelýär. Aýyň tutulmagy Aý fazalary (Aýyň daşky görnüşi) bilen bagly bolup, käte Aý doly tutulyp ýitip gidýär, käte bolsa bölekleýin tutulyp, asmanda dürli şöhleler emele gelýär. Aýyň ýüzüniň tutulmagy üçin 3 şert zerurdyr. Olaryň birinjisi Aý doly fazasynda (dolan Aý) bolmaly. Ikinjisi Gün, Ýer we Aý hatara düzülmeli. Üçünjisi bolsa, Aý Ýeriň orbitasynyň golaýynda bolmaly. Adatça Aý tutulmasynyň haçan bolup geçjekdigini astronomlar öňünden bilýärler. Aý tutulmasy gyş paslynda pes görünýär. Ýylyň beýleki möwsümlerinde bolsa bu hadysany teleskop ulanmazdan synlap bolýar.

Aý tutulmasy iň täsin tebigy hadysalaryň biri bolmakdan başga-da, ýerli ynançlarda, dürli medeniýetlerde we däp-dessurlarda bir zadyň alamaty hökmünde suratlandyrylýar. Bu tebigy hadysa şu ýylda hasaba alnan ikinji Aý tutulmasy bolup, olaryň birinjisi 13-nji martda bolup geçdi. Aý tutulmasy 30 minutdan başlap, 3,5 sagada çenli dowam edip bilýär. Bu hadysanyň dowamlylygy Aýyň Ýeriň kölegesindäki ýoluna we orbitadan näderejede geçýändigine baglydyr.




# Sanda däl-de, hilde

(Tymsal)



Ir zamanlarda bir obada iki ussa ýaşapdyr. Olaryň biri kyrk günde bir käse, beýlekisi bolsa bir günde kyrk käse ýasaýan eken. Kyrk günde bir käse ýasaýan ussa gurply ýaşap, bir günde kyrk käse ýasaýan adamyň bolsa güzerany öwerlik däl eken.

Bir gün märekede bir goja olardan munuň sebäbini sorapdyr.

– Eý, atam, men-ä «Arzanyň arzysy bolmaz» diýleninden ugur alýan-da guýumyny, ýugrumyny ýagşy ýetirip, kyrk günde bir käse ýetişdirýän, hyrydaram ýetik – diýip, olaryň biri jogap beripdir.

– Men bolsa gije-gündiz diýmän işlesem-de, günüm gowulaşyberenok. Ýasaýan käselerim gara şaýa-da geçenok – diýip, beýleki ussa jogap beripdir.

– Onuň ýaly bolsa siziň ýasan käseleriňizi görmek gerek – diýip, goja olara käselerini getirmegi tabşyrypdyr.

Şeýlelikde, goja kyrk käsäni hatarlap goýupdyr-da, kyrk günde ýasalan çoýun ýaly käsäni eline alyp, hatara duran käselere tarap aýlap zyňypdyr. Hatara duran käseler kül-uşak bolupdyr, emma zyňlan käsä hiç hili zeper ýetmändir. Şondan soň goja:

– Ine, indi gördüňmi sebäbini, edýän işiňi yhlas bilen etseň, edýän işiň sanyna däl-de hiline üns berseň, harydyň hyrydary elmydama ýetik bolar – diýip, maslahat beripdir.

***«Kämil ynsan kemalyndan belli».***

# Deňizlerde ýaşaýan owadan ýyldyzjyk

- Dünýäde deňiz ýyldyzynyň 2 müňden gowrak görnüşi duş gelýär.
- «Ýyldyz balygy» (starfish) diýilýändigine garamazdan bu jandar balyk hasaplanmaýar. Deňiz ýyldyzy deňiz jandarlarynyň oňurgasyzlar görnüşine degişlidir.
- Deňizde 35 ýyla çenli ýaşaýan bu jandarlaryň göwresiniň diametri 30-40 santimetre ýetýär.
- Deňiz ýyldyzlary ýüzgüçleriniň ýokdugy sebäpli, balyklar ýaly ýüzüp bilmeýärler. Diňe pyrlampaç ýaly aýlanyp hereket edýärler.
- Köplenç deňiz ýyldyzyny 5 aýakly (bäşburç) jandar hökmünde suratlandyrýarys. Ýöne bu jandaryň 6, 7, 10, 20, hatda 50 aýakly görnüşleri hem duş gelýär. Deňiz ýyldyzynyň bedenini (aýagyny) gaýtadan dikeltmek ukyby bar.
- Daşy syh-syh tikenli deňiz ýyldyzlary Hindi we Ýuwaş ummanynda duş gelýär. Deňiz ýyldyzynyň bu görnüşiniň arkasyndaky tikenleri ýyrtyjylardan goranmagyna kömek edýär.
- Bäşburçly ýyldyza meňzeýän bu deňiz jandarynyň 2 garny bar.
- Owadan ýyldyzlar 9 müň metr çuňlukdaky merjen gaýalaryndan başlap, 50 metr çuňlukdaky çägeli ýalpak deňiz kenarlaryna çenli deňziň dürli ýerlerinde duş gelýär.
- Deňiz ýyldyzy süýji suwda ýaşap bilmeýär.



- Ýyldyza meňzeş bu jandarlar mollýusk, ulitka we leňňeç ýaly ownuk jandarlar bilen iýmitlenýärler.
- Deňiz ýyldyzynda beýni hem-de gan bolmaýar. Bu jandaryň hereket etmek we ýokumly maddalar bilen bedenini üpjün etmek üçin suw damar ulgamy bar.
- Deňiz ýyldyzynyň bedeniniň arka ýüzünde ýüzlerçe turba görnüşli kiçijik sorujy kanallary bar. Sorujy turbajyklar arkaly bu jandar gerek bolan iýmiti özüne siňdirýär.
- Deňiz ýyldyzynyň her aýagynyň ujunda garaňkyda hem görmäge mümkinçilik berýän nokada meňzeş gözleri bar.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**5 tapawudy tapyň!**



**Labirint**



**Gyzykly pursat**



# «Kaka, eje, uýa, erkek dogan» filmi «Altyn ýolbars» baýragynyň ýeňijisi

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňiniň 82-nji geçirilişi tamamlandy. Onlarça täze filmiň görkezilen festiwalynyň jemleýji gününde baş baýrak bilen bir hatarda, beýleki baýraklaryň hem ýeňijileri mälim edildi. Amerikaly meşhur režissýor Aleksander Peýniň ýolbaşçylyk eden eminler topary tarapyndan ussat režissýor Jim Jarmuşyň «Kaka, eje, uýa, erkek dogan» atly filmi «Altyn ýolbars» baýragyna laýyk görüldi. Onuň bu filminde Keýt Blanşett, Wiki Krips, Adam Draýwer, Şarlott Rempling ýaly belli artistler surata düşdi.



Tunisli zenan režissýor Kauter Ben Haniýanyň «Hindi Rajabyň sesi» atly dramasy Eminleriň «Gran Pri» baýragy bilen sylaglandy. Eminleriň ýörite baýragyna «Bulutlaryň astynda» filmi üçin italiýaly Janfranko Rosi mynasyp boldy. Iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragyny «Ýumrujy maşyn» filmini surata düşüren Benni Safdi gazandy. MMA urşujysynyň durmuşy barada söhbet açýan filmde baş keşbi Dweýn Jonson janlandyrýar.

Iň gowy aktýor we aktrisa baýraklarynyň ýeňijilerine gowşurylýan «Volpi» kuboklary italiýaly hem-de hytaýly artistlere berildi. Režissýor Paolo Sorrentinonyň surata düşüren «Merhemet» atly filminde baş keşbi janlandyran italiýaly meşhur artist Toni Serwillo iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Hytaýly režissýor Saý Şanszýunyň ekranlaşdyran «Gün hemmämiziň üstünden dogýar» atly filminiň ýyldyzy Sin Çžileý iň gowy aktrisa baýragy bilen sylaglandy.

Iň gowy ssenariý ugry boýunça «Iş başynda» filmi ýeňiji diýlip yglan edildi. Baýrak filmiň edebi esasyny bilelikde ýazan, şol sanda režissýory hem bolan Walerie Donzelli bilen Žill Marşana gowşuryldy.

Festiwalyň özboluşly baýraklaryndan Marçello Mastroianni adyndaky baýrak «Dymma dost» filminiň artisti Luna Wedlere berildi.








Festiwalyň kino sungatyndaky ilkinji işleri göz öňünde tutulyp gowşurylýan «Orrizonti» bölüminiň baýraklarynyň ýeňijileri hem mälim edildi. Bu bölümiň çäginde meksikaly režissýor Dawid Pablosyň «Ýolda» atly triller dramasy iň gowy film diýlip saýlandy. «Ýatdan çykan agaçlar» filmini surata düşüren hindistanly Anuparma Roý iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Ýaponiýaly režissýor Akio Fužimotonyň «Ýitirilen ýer» atly filmi Eminleriň ýörite baýragyna mynasyp boldy. Benedetta Porkaroli («Arabellanyň ogurlanmagy») bilen Jakomo Kowi («Mekdep ýyly») iň gowy aktrisa hem-de aktýor diýlip saýlandy.

11 günläp dowam eden festiwalyň çäginde germaniýaly meşhur režissýor, ençeme dokumental filmleriň awtory Werner Herzog bilen amerikaly belli aktrisa Kim Nowak kino sungatynda bitiren uly hyzmatlary üçin «Altyn ýolbars» hormat baýragy bilen sylaglandylar.

**82-nji Wenesiýa film festiwalynyň ýeňijileri:**

**«Altyn ýolbars» baýragy:** «Kaka, eje, uýa, erkek dogan» (Father, Mother, Sister, Brother) – Jim Jarmuş

**Eminleriň «Gran Pri» baýragy:** «Hindi Rajabyň sesi» (The Voice of Hind Rajab) – Kauter Ben Haniýa

**Eminleriň ýörite baýragy:** «Bulutlaryň astynda» (Sotto le nuvole) – Janfranko Rosi

**Iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragy:** Benni Safdi – «Ýumrujy maşyn» (The Smashing Machine)

**Iň gowy aktýor «Volpi» kubogy:** Toni Serwillo – «Merhemet» (La grazia)

**Iň gowy aktrisa «Volpi» kubogy:** Sin Çžileý – «Gün hemmämiziň üstünden» dogýar» (Ri Gua Zhong Tian)

**Iň gowy ssenariý baýragy:** Walerie Donzelli bilen Žill Marşan – «Iş başynda» (A pied d'œuvre)

**Marçello Mastroianni adyndaky baýrak:** Luna Wedler – «Dymma dost» (Silent Friend)

## Täze film

### «Uzak ýöriş» (The Long Walk)

**Režissýory:** Fransis Lawrens; **Ssenariçi:** JT Mollner (Stefen Kingiň adybir eseri esasynda); **Prodýuseri:** Roý Li, Stiwen Şneider, Fransis Lawrens, Kameron MakKonomi; **Keşplerde:** Kuper Hoffman, Dewid Jonsson, Garrett Wareing, Tut Nýot, Çarli Plammer, Ben Wan, Roman Griffin Dewis, Jordan Gonzales, Joş Hamilton, Judi Grir, Mark Hamill; **Kompozitory:** Jeremia Fraites; **Öndüriji:** «Vertigo Entertainment», «About:Blank»; **Paýlaýjy:** «Lionsgate»; **Dowamlylygy:** 108 minut; **Görnüşi:** triller; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

Dünýä belli amerikaly ýazyjy, onlarça ilhalar romanyň awtory Stefen Kingiň ýene bir eseri filme öwrülip, «Uzak ýöriş» atly bu kinony ussat režissýor Fransis Lawrens surata düşürdi. «Açlyk oýunlary» filmleri bilen adygan režissýoryň täze ekran eserinde baş keşpleri Kuper Hoffman, Dewid Jonsson, Garrett Wareing, Tut Nýot, Çarli Plammer, Mark Hamill dagy janlandyrýar. «Lionsgate» studiýasynyň önümi bolan film 108 minutlap dowam edýär. Stefen Kingiň bu eseri 1979-njy ýylda çapdan çykarylypdy. Filme bilermenler tarapyndan ýokary baha berlip, meşhur internet saýtlarynyň hünärmenleriniň hem ekran eserine garaýyşlary diýseň gowy. Hatda «Uzak ýöriş» kinosyny eýýämden Stefen Kingiň ozal filme öwrülip, juda şowly çykan «Şöhle» (Shining, 1979), «Şouşenkden gaçyşlyk» (The Shawshank Redemption, 1994), «Ýaşyl mil» (The Green Mile, 1999) ýaly ekran eserleriniň hataryna goşýanlar hem bar.




Kanadanyň Winnipeg şäherinde ekranlaşdyrylan filmde distopik döwürde onlarça ýaş ýigit durman ýol geçmeli edilýär. Olar sagatda 5 kilometre golaý tizlik bilen ýol ýöremeli. Ýöremedik ýagdaýlarynda bolsa olara gowulyk ýok. Ýöriş iň soňunda ýeke adam galýança dowam edýär...

# 42-nji MTV Video baýraklary gowşuryldy

Aýdym-saz äleminiň abraýly baýraklarynyň biri bolan MTV Video baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. Nýu Ýorkda geçirilen dabarany meşhur aýdymçy LL Cool J alyp bardy. Şatlyk-şowhuna beslenen dabarada Sabrina Karpenter, Riki Martin, Post Malone, Mariah Kareý, Leýdi Gaga, Doja Cat, Papoose, Sombr, Aleks Worren, J Balvin, DJ Snake, Busta Rhymes ýaly aýdym-saz sungatynyň görnükli wekilleri öz ilhalar aýdymlary bilen çykyş etdiler.

42-nji gezek geçirilen dabarada ýylyň şekilli aýdymy baýragyna Ariana Grandeniň «Brighter Days Ahead» atly aýdymy laýyk görüldi. Onuň bu aýdymy iň gowy pop ugry boýunça-da ýeňiji diýlip yglan edildi. Meşhur aýdymçy Leýdi Gaga dabaranyň iň köp baýrak gazanan aýdymçysy bolup, ol 4 ugurdan heýkeljikleri eýelemegi başardy. Tanymal aýdymçy 12 ugurdan dalaşgärlige hödürlenipdi. Ýylyň sungat işgäri saýlanan Leýdi Gaganyň Bruno Mars bilen aýdan «Die with a Smile» atly aýdymy iň gowy bilelikde ýerine ýetiriş, şeýle-de onuň «Abracadabra» atly aýdymy iň gowy režissýor we iň gowy sungat režissýory ugurlaryndan öňe saýlandy.



Rose bilen Bruno Marsyň bilelikde aýdýan «Apt.» atly aýdymy ýylyň aýdymy diýlen ugurda MTV Video baýraklarynyň heýkeljigini gazandy. Aleks Worren iň gowy täze sungat işgäri baýragyna mynasyp boldy. Tanymal aýdymçy Sabrina Karpenter iň gowy pop aýdymçysy diýlip saýlandy. Onuň «Short n' Sweet» atly aýdymlar ýygyndysy iň gowy albom baýragyna laýyk görüldi. Koreýleriň meşhur aýdym-saz topary «Blackpink» bu baýraklaryň çäginde 6-njy gezek iň gowy topar diýlip saýlandy. Şeýle-de, «Coldplay» toparynyň «All My Love» aýdymy iň gowy rok, Megan Moroneýiň «Am I Okay?» aýdymy iň gowy kantri, Doechii-niň «Anxiety» aýdymy iň gowy hip-hop, Şakiranyň «Soltera» aýdymy iň gowy latyn, Lisanyň Doja Cat we Raye bilen bilelikde aýdan «Born Again» aýdymy iň gowy k-pop baýraklaryna laýyk görüldi.

Dabarada Riki Martin 30 ýyllyk karýerasy üçin Latyn ikony baýragy bilen sylaglandy.

33-nji skanwordyň jogaby:



49-njy krosswordyň jogaby:



34-nji SKANWORD



Kerem HOMMODOW, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.

35-nji SKANWORD



Wepa ŞYHYÝEW, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.



Sahypany taýýarlan Täjigözel BAŞIMOWA.

# TÜRKMEN TOPARLARYNYŇ TÄZE MÖWSÜMDÄKI ILKINJI DUŞUŞYKLARY




Aziýa futbol konfederasiýasynyň 2-nji derejeli klub ýaryşy bolan AFK Çempionlar Ligasy II bäsleşiginiň täze möwsümine geljek hepdäniň sişenbe güni, ýagny 16-njy sentýabrda badalga berler. Iki klubumyzyň wekilçilik edýän ýaryşyna jemi 32 klub gatnaşýar. Türkmen toparlary özleriniň ilkinji duşuşygyny sişenbe hem-de çarşenbe günleri geçirerler. «C» toparçada çykyş edýän «Ahal» topary 16-njy sentýabrda Hindistanda «Mohun Bagan» toparynyň myhmany bolar. Duşuşyk Kolkatadaky «Salt Lake» stadionynda oýnalar we Aşgabat wagty bilen 18:45-de başlanar. Ýurdumyzyň çempiony, «B» toparçada çykyş edýän «Arkadag» topary bolsa ilkinji duşuşygyny çarşenbe güni, 17-nji sentýabrda geçirer. Şol gün «Arkadag» topary öz meýdançasynda Özbegistanyň «Andijon» toparyny kabul eder. Duşuşyk 18:45-de başlar.

Iki toparymyza-da bu halkara ýaryşda uly üstünlikleri arzuw edýäris.

# Milletler Kubogynyň täze ýeňijisi

Futbol boýunça Daşkent hem-de Duşanbe şäherlerinde geçirilen 2-nji CAFA Milletler Kubogy ýaryşy tamamlandy. Daşkent şäherindäki Olimpiýa stadionynda oýnalan finalda Özbegistan bilen Eýranyň milli ýygyndylary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 5-nji minutynda Eýranyň ýygyndysyndan goragçy Arýa Ýusefi gyzyl kart aldy. Duşuşygyň esasy wagtynda hasap açylmady. Toparlaryň guran hüjümleri oňyn netije bermedi. Goşmaça wagtda, has takygy, 105+4-nji minutda gyrgyzystanly emin Nurzatbek Abdykadyrow ýer eýeleriniň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ýöne Eldor Şomurodowyň ýerine ýetiren urgusy takyk bolmady. Duşuşygyň 120-nji minutynda Muhammadkodir Hamralyýewiň beren pasyndan soň topy derwezä girizen Hojiakbar Alijonow Özbegistanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, goşmaça wagtda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan Özbegistanyň milli ýygyndysy 2-nji gezek geçirilen bu ýaryşyň çempiony bolmagy başardy. Mundan 2 ýyl ozal geçirilen 1-nji ýaryşda Eýranyň ýygyndysy çempionlyk gazanypdy.




Duşanbede oýnalan bürünç medal ugrundaky oýunda Hindistan bilen Omanyň ýygyndylary duşuşdy. Duşuşygyň esasy hem-de goşmaça wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy (Kumam 80 – Al-Ýahmadi 55). Oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynda 3–2 hasabynda üstün çykan Hindistanyň ýygyndysy bürünç medala mynasyp boldy.

Hojiakbar Alijonow ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. 3 gezek tapawutlanan Igor Sergeýew bäsleşigiň iň köp gol geçiren oýunçysy boldy.



# 23 ýyldan soň 2-nji kubok

**Woleýbol boýunça Tailandda geçirilen zenanlaryň arasyndaky 20-nji Dünýä çempionaty tamamlandy. 17 günläp dowam eden ýaryşyň finalynda Italiýa bilen Türkiýäniň ýygyndylary duşuşdy. Ýeňiji 5 setde belli bolup, duşuşyk çekeleşikli häsiýeti bilen tapawutlandy.**

1-nji setde italýanlar 25:23 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde türkiýeli woleýbolçylar 25:13, 3-nji setde italýanlar 26:24 ýeňiş gazandy. 4-nji setde Türkiýäniň ýygyndysy 25:19 üstün çykyp, umumy hasaby deňledi. 5-nji final setinde bolsa italýanlar 15:8 öňe saýlanyp, taryhynda 2-nji gezek Dünýäniň çempiony bolmagy başardy. Italiýanyň ýygyndysy geçen ýylky Olimpiýa çempionlygynyň üstüni Dünýä çempionlygy bilen ýetirdi. Italiýanyň ýygyndysy mundan ozal, 2002-nji ýylda çempionlyk gazanypdy. Bu olaryň 3-nji finaly bolup, italýanlar 2018-nji ýylda kümüş, 2022-nji ýylda-da bürünç medala mynasyp bolupdy. Italiýaly zenanlar 2006-njy we 2014-nji ýyllarda 4-nji orny eýeläpdi. Italiýanyň ýygyndysy 2 gezek çempionlyk gazanan 7-nji topar boldy.

Finalda Türkiýäniň ýygyndysy italýanlardan köp utuk (105:98) alan hem bolsa, setlerde 3:2 hasabynda asgyn gelip, ilkinji gezek kümüş medal gazanmagy başardy.

Italýanlar finala çenli garşydaşlaryndan 3, türkler bolsa 2 setde asgyn gelipdi. Ýarym finalda Italiýa Braziliýany 3:2, Türkiýe bolsa Ýaponiýany 3:1 hasabynda ýeňipdi. Italiýanyň ýygyndysy 35 resmi duşuşykdan bäri ýeňilmän gelýär.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Braziliýanyň ýygyndysy Ýaponiýanyň ýygyndysyny 3:2 hasabynda ýeňip, 2014-nji ýyldan soň 2-nji gezek 3-nji orny eýeledi. Henize çenli çempionlyk gazanyp görmedik Braziliýa 4 gezek finalda ýeňlişe sezewar bolupdy.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, italiýaly Alessia Orro saýlandy.

Çempionata ilkinji gezek 5 konfederasiýadan 32 ýygyndy gatnaşdy. Duşuşyklar ýurduň 4 şäherinde – Bangkok, Puket, Çiangmai, Nakhon Ratçasimada geçirildi.

Ilkinji gezek 1952-nji ýylda geçirilen zenanlaryň arasyndaky woleýbol boýunça Dünýä çempionatynda ozalky SSSR-iň ýygyndysy 5 gezek çempionlyk gazandy (1952, 1956, 1960, 1970, 1990). Ýaponiýadyr (1962, 1967, 1974) Kubanyň (1978, 1994, 1998) 3, Hytaýyň (1982, 1986), Italiýanyň (2002, 2025), Russiýanyň (2010, 2014) hem-de Serbiýanyň (2018, 2022) 2, şol sanda ABŞ-nyň (2014) 1 çempionlygy bar.



# ÇEMPION ÝEŇŞI ÝATLADY

Formula 1 boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy Italiýanyň Monza şäherinde geçirildi. 53 aýlawdan ybarat bolan bäsleşikde «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiji boldy. Ol ýaryşy 1 sagat 13 minut 24,325 sekuntda tamamlap, 8 ýaryşdan soň ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji, umumylykda-da 66-njy ýeňşi boldy. 2-3-nji orunlary «McLaren» toparynyň sürüjileri paýlaşyp, britaniýaly Lando Norris ýeňijiden 19,207 sekunt, awstraliýaly Oskar Piastri bolsa 21,351 sekunt yza galdy. «Ferrari» toparyndan monakoly Şarl Lekleriň 4-nji bolan sanawynda «Mercedes» toparynyň britan piloty Jorj Rassell 5-nji, «Ferrari» toparynyň beýleki sürüjisi, britaniýaly Lýuwis Hamilton 6-njy orny eýeledi.

Geçirilen bu ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Piastriniň 324 utuk bilen liderligi dowam edýär. 2-nji ýerdäki Norrisiň 293, 3-nji orundaky Werstappeniň 230 utugy bar.

Möwsümiň 17-nji ýaryşy 21-nji sentýabrda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçiriler.

# Mark Markes 7 ýaryşdan soň 2-nji ýeri eýeledi



Moto GP boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşy Katalunýa «Gran Prisi» Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçirildi. Ýaryşda ýerli ispan sürüjileri, doganlar Markesler ýeňiş gazandy. «BK8 Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Markes özüniň «Ducati» kysymly motosikli bilen 24 aýlawy 40 minut 14,093 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň 9 ýaryşdan soň şu möwsümdäki 2-nji ýeňşi boldy.

Ýaryşda inisinden 1,740 sekunt giç pellehana gelen Mark Markes 2-nji orny eýeledi. «Ducati Lenovo» toparynyň sürüjisi 7 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi. Katalunýa «Gran Prisinde» 3-nji orna «Red Bull KTM Tech3» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini mynasyp boldy.

Sürüjileriň sanawynda çempionlyga barha golaýlap gelýän Mark Markesiň utuk sany 487-ä ýetdi. 2-nji ýerdäki Aleks Markes 15 ýaryşda 305 utuk toplamagy başardy. «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia 237 utuk bilen 3-nji orny eýeleýär.

Moto GP boýunça möwsümiň 16-njy bäsleşigi 14-nji sentýabrda San Marinoda geçiriler.

# Çempionlyk gezegi Alkarasda

**Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwalga» ýaryşy «Amerika Açyk» tamamlandy. Erkekleriň arasynda ispaniýaly Karlos Alkaras, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy. 145-nji gezek geçirilen ýaryşyň baýrak gaznasy 90 million amerikan dollaryna deň bolup, ýeňijileriň hersi aýratynlykda 5 million amerikan dollary bilen sylaglandy.**

Erkekleriň arasyndaky finalda soňky ýyllaryň 2 öňdebaryjy tennisçisi – ispaniýaly Karlos Alkaras bilen ýaryşyň soňky çempiony, italiýaly Ýannik Sinner duşuşdy. Iki tennisçi şu möwsümde bassyr 3-nji gezek «Uly tuwalga» ýaryşlaryň finalynda özara güýç synanyşdy. Şeýle waka «Açyk» döwürde ilkinji gezek hasaba alyndy.

4 setde tamamlanan oýunda Alkaras 1-nji setde 6:2 ýeňiş gazandy. 2-nji setde Sinner 6:3 üstün çykyp, umumy hasaby deňlese-de, 3-4-nji setlerde ýeňiş gazanmak Alkarasa kyn düşmedi. 6:1 we 6:4 hasaplar bilen üstün çykan Alkaras



2022-nji ýyldan soň, 2-nji gezek «Amerika Açykda» çempion bolmagy başardy. Ol umumylykda 6-njy «Uly tuwalga», karýerasy boýunça 23-nji ATP çempionlygyny baýram etdi. 22 ýaşly tennisçi Býorn Borgdan soň 6 «Uly tuwalga» kubogyny gazanan iň ýaş tennisçi boldy. Alkaras «Awstraliýa Açykdan» galan «Uly tuwalga» ýaryşlarynda 2 gezek çempionlyk gazanmagy başardy («Fransiýa Açyk» — 2024, 2025; «Wimbledon» — 2023, 2024; «Amerika Açyk» — 2022, 2025).

Bu ýeňişden soň, Alkaras ATP-niň sanawynda 1-nji orna beýgelip, Sinner 2-nji ýere düşdi. Sinner bir ýylyň dowamynda 4 «Uly tuwalgada-da» finala çykan 4-nji tennisçi bolup, ondan öň Rod Lawer, Rojer Federer hem-de Nowak Jokowiç şeýle başarnyk görkezipdi. Şunlukda, şu ýyl 4 «Uly tuwalga» ýaryşynyň 2-sinde Sinner («Awstraliýa Açyk», «Wimbledon»), beýleki 2-sinde bolsa Alkaras («Fransiýa Açyk», «Amerika Açyk») ýeňiji boldy. Geçen ýylda-da Sinner bilen Alkaras 4 «Uly tuwalgany» paýlaşypdy. Sinner «Awstraliýa Açyk» bilen «Amerika Açykda», Alkaras bolsa «Fransiýa Açyk» bilen «Wimbledon» ýaryşlarynda ýeňiji bolupdy.

# Çempionlygyny goramagy başardy

Zenanlaryň arasyndaky finalda sanawyň 1-nji belgilisi Aryna Sabalenka amerikaly garşydaşy Amanda Anisimowany 2 setde ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji setde 6:3 üstün çykan belarusly tennisçi 2-nji setde taý-bregiň netijesinde 7:3 öňe saýlanyp, seti 7:6 hasabynda almagy başardy. Şunlukda, «Amerika Açykda» çempionlygyny goran 27 ýaşyndaky Sabalenka karýerasy boýunça 4-nji «Uly tuwalga» kubogyny gazandy. Bu onuň 21-nji WTA çempionlygydyr. Sabalenka amerikaly Serena Williamsdan (2012–13–14) soň bu ýaryşda çempionlygyny goran ilkinji tennisçi boldy. Şeýle-de, ýene bir gezek zenanlaryň arasynda «Uly tuwalga» ýaryşlarynyň 4-sinde başga-başga tennisçiler çempionlyk gazandy. 2015-nji ýyldan bäri zenanlaryň arasynda bir tennisçä ýylyň dowamynda 4 «Uly tuwalganyň» 3-sinde çempionlyk gazanmak başardanok. Diňe 2022-nji ýylda Iga Şwentek, 2024-nji ýylda-da Aryna Sabalenka 2 «Uly tuwalgada» çempion bolmagyň hötdesinden geldi.



24 ýaşyndaky Amanda Anisimowa bolsa «Uly tuwalgalarda» bassyr 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Ol «Wimbledonyň» finalynda Iga Şwentekden 6:0 hasaplar bilen asgyn gelipdi. Anisimowa «Amerika Açykda» Iga Şwentegi çärýek finalda 6:4, 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar edipdi.









# Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklary – Ýewropa zolagy

Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň Ýewropa zolagynda **«A» toparçada** Germaniýanyň ýygyndysy myhmançylykda Slowakiýadan Hansko we Strelesiň gollary esasynda 2–0 asgyn gelip, saýlama tapgyryna şowsuz başlady. Ýöne Nagelsmanyň tälimçiligindäki Germaniýanyň milli ýygyndysy 2-nji duşuşygynda Demirgazyk Irlandiýany Gnabri, Amiri hem-de Wirtsiň gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. Slowakiýa bolsa Lýuksemburgy Rigonyň 90-njy minutda salan goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

**«B» toparçada** güýçli hüjümçileri özünde jemleýän Şwesiýa saýlama tapgyrynyň duşuşyklaryna şowsuz başlap, olar ilki Sloweniýa bilen deňme-deň oýnady (2–2). Soňra myhmançylykda Kosowodan Rejbeçaýyň hem-de Murikiniň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňildi. Şweýsariýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Kosowony 4–0, Sloweniýany 3–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**«C» toparçada** Daniýa bilen Şotlandiýa ýygyndylary golsuz deňme-deň oýnap, olar 2-nji duşuşyklarynda myhmançylykda ýeňiş gazandylar. Daniýa Gresiýany Damsgoryň (32), Kristenseniň (62) hem-de Hoýlunnyň (81) gollary bilen 3–0, Şotlandiýa Belarusy Adamsyň (43) hem-de Wolkowyň (65 ö.d.) gollary bilen 2–0 ýeňdi.

**«D» toparçada** Fransiýanyň ýygyndysy ilki Wroslawda Ukrainanyň ýygyndysyny Olise hem-de Mbappeniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Ýöne fransuzlara öz meýdançasynda Islandiýany ýeňmek ýeňil düşmedi. Her niçigem bolsa Fransiýa garşydaşynyň 21-nji minutda Gudýonseniň goly bilen öňe geçendigine garamazdan, ýyldyz oýunçylarynyň tapawutlanmagynda ýeňiş gazanmagy başardy. Tçuameniniň gyzyl kart alan duşuşygynda Fransiýa ýeňiş getiren gollary Mbappe (45 p) bilen Barkola (62) geçirdi. Islandiýadan 5–0 hasabynda asgyn gelen Azerbaýjanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi, portugaliýaly Fernandu Santuş wezipesinden boşadyldy.

### Ispaniýa 2 oýunda 9 gol saldy

**«E» toparçada** Ispaniýanyň ýygyndysy myhmançylykda geçiren 2 duşuşygynda 9 goly garşydaşlarynyň derwezesinden girizdi. Bolgariýany Oýarzabalyň (5), Kukurelýanyň (30), Merinonyň (38) gollary bilen 3–0, Türkiýäniň ýygyndysyny bolsa Pedriniň (6, 62), Merinonyň (22, 45+1, 57) hem-de Torresiň (53) gollary bilen 6–0 hasabynda utdy. 1-nji oýunda öz meýdançasynda Türkiýeden 3–2 asgyn gelen gruzinler Tbiliside Bolgariýany Kwaresheliýanyň, N. Gagnidzeniň hem-de Mikautadzeniň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



### Ronaldo rekorda şärik boldy

**«F» toparçada** myhmançylykda Ermenistanyň ýygyndysyny Žoao Feliksiň (10, 62), Kristiano Ronaldonyň (21, 46) hem-de Kanselonyň (32) gollary bilen 5-0 hasabynda utan Portugaliýanyň ýygyndysyna myhmançylykda Wengriýadan üstün çykmak ýeňil düşmedi. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan Portugaliýanyň düzüminde Bernardo Silwa (36), Ronaldo (58 p) hem-de Kanselo (86) tapawutlandy. Ýer eýelerinden Barnabas Warganyň (21, 84) gollary ýeňşe ýetmedi. Milli topardaky gollarynyň sany 141-e, karýerasyndaky gollarynyň sany bolsa 943-e ýeten Ronaldo Dünýä Kubogynyň saýlama oýunlarynyň çäginde 39-njy gezek tapawutlandy. Ol häzirki wagtda Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň iň köp gol salan 2 futbolçysynyň biri (beýlekisi gwatemalaly Karlos Ruiz, 39 gol). Ronaldo milli toparda soňky 12 oýunda 11 gol geçirdi.

**«G» toparçada** Niderlandlar bilen Polşanyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady (Dumfris 28 — Keş 80). Niderlandlar myhmançylykda Litwany Depaýyň (11, 63) hem-de Kuinten Timberiň gollary bilen 3–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2 gol salan Memfis Depaýyň milli topardaky gollarynyň sany 52-ä ýetip, ol bu ugurda Robin wan Persiniň 50 golluk rekordyny öz adyna geçirdi. Polşa bolsa Keş, Lewandowski hem-de Kaminskiniň gollary bilen Finlýandiýadan 3–1 hasabynda üstün çykdy.

**«H» toparçada** Bosniýa we Gersegowina bilen Awstriýanyň ýygyndylarynyň arasynda ýiti göreş bolup, 2-siniň hem 12 utugy bar. Kipri Sabitseriň ýeke-täk goly bilen ýeňen Awstriýa myhmançylykda Bosniýa we Gersegowinanyň milli toparyny ýene-de Sabitser hem-de Laimeriň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy.

### Gattuzo 5 golly ýeňişler bilen başlady

**«I» toparçada** täze tälimçisi Jennaro Gattuzonyň ýolbaşçylygyndaky ilkinji duşuşygynda Italiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Estoniýany 5-0 hasabynda ýeňdi. Gollaryň ählisi-de 2-nji ýarymda geçirilip, olary Ken (58), Retegi (69, 89), Raspadori (71) hem-de Bastoni (90+2) öz atlaryna ýazdyrdylar. Italiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygyny Wengriýada Ysraýylyň ýygyndysy bilen geçirip, 9 golly oýunda Dünýäniň 4 gezek çempiony soňky minutlarda ýeňşini baýram etdi. Reteginiň 3 asist eden oýnunda italýanlaryň gollaryny Ken (40, 54), Politano (59), Raspadori (81) hem-de Tonali (90+1) geçirdi. Ýer eýeleriniň gollarynyň 2-si awtogol bolup (Lokatelli 16 ö.d., Bastoni 87 ö.d.), beýleki 2-sini Dor Perets derwezä girizdi.

### Holann we ýoldaşlary 11 gol geçirdi

Bu toparçada 1-nji orunda barýan Norwegiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Moldowanyň ýygyndysyny 11–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Norwegleriň gol ýagyşy 6-njy minutda başlap, 90+1-nji minutda tamamlandy. Duşuşykda ýyldyz hüjümçi Erling Holann 5 gol geçirip, 2 goluň pasyny berdi. 11-nji, 36-njy, 43-nji, 52-nji hem-de 83-nji minutlarda tapawutlanan Holannyň milli topardaky gollarynyň sany 45 oýunda 48-e ýetdi. Milli toparyň düzüminde 8 oýundan bäri tapawutlanyp gelýän Holann şol duşuşyklarda 14 gol geçirdi. Holann DK-niň saýlama oýunlaryndan 1977-nji ýyldan soň bir oýunda 5 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Duşuşykda Norwegiýanyň beýleki 6 golunyň 4-sini Telo Osgor (67, 76, 78 p, 90+1), Mýure (6) hem-de Edegor (45+1) derwezä girizdi. Myhmanlaryň ýeke-täk goluny-da 74-nji minutda Ostigor öz derwezesinden geçirdi. Norwegiýanyň ýygyndysy 5 oýunda 15 utuk bilen öňde barýar.

### Ikisini hem 6-0 hasaplar bilen ýeňdi

**«J» toparçada** öňdebaryjy Demirgazyk Makedoniýanyň ýygyndysy bu tapgyrda 1 oýun geçirip, öz meýdançasynda Lihtenşteýniň milli toparyny 5–0 hasabynda utdy. Belgiýanyň ýygyndysy ilki myhmançylykda Lihtenşteýniň, soňra öz meýdançasynda Gazagystanyň ýygyndylarynyň derwezelerinden jogapsyz 6 gol girizdi. 1-nji oýunda De Kuýper (26), Tilemans (46, 70 p), Tite (60), De Bruýne (62), Fofana (90+1), 2-nji oýunda De Bruýne (42, 84), Doku (44, 60), Raskin (51) hem-de Mýonýe (87) tapawutlandy.

**«K» toparçada** Andorrany 2–0 (Garsiýa 25 ö.d., Raýs 67) hasabynda ýeňen Angliýa myhmançylykda Serbiýanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary Keýn, Madueke, Konsa, Gehi hem-de Reşford öz atlaryna ýazdyrdylar. Iňlisler 5-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, 15 utuk bilen ep-esli öňde Dünýä Kubogyna sary barýar.

**«L» toparçada** Horwatiýa bilen Çehiýanyň arasynda ýiti göreş dowam edip, horwatlar Farer adalaryny 1–0, Garadagy 4–0 hasabynda ýeňdi. Ýyldyz hüjümçi Kramariç her duşuşykda 1 goly öz adyna ýazdyrdy. Horwatiýa 1 oýny kem 12 utuk bilen öňde barýar.

**«A»:** Lýuksemburg – D. Irlandiýa: 1-3, Slowakiýa – Germaniýa: 2-0; Lýuksemburg – Slowakiýa: 1-0, Germaniýa – D. Irlandiýa: 3-1

**«B»:** Sloweniýa – Şwesiýa: 2-2, Şweýsariýa – Kosowo: 4-0; Kosowo – Şwesiýa: 2-0, Şweýsariýa – Sloweniýa: 3-0

**«C»:** Gresiýa – Belarus: 5-1, Daniýa – Şotlandiýa: 0-0, Belarus – Şotlandiýa: 0-2, Gresiýa – Daniýa: 0-3

**«D»:** Ukraina – Fransiýa: 0-2, Islandiýa – Azerbaýjan: 5-0; Fransiýa – Islandiýa: 2-1, Azerbaýjan – Ukraina: 1–1

**«E»:** Bolgariýa – Ispaniýa: 0-3, Gruziýa – Türkiýe: 2-3; Türkiýe –Ispaniýa: 0-6, Gruziýa – Bolgariýa: 3-0

**«F»:** Ermenistan — Portugaliýa: 0–5, Irlandiýa — Wengriýa: 2-2; Wengriýa — Portugaliýa: 2–3, Ermenistan — Irlandiýa: 2-1

**«G»:** Litwa – Malta: 1-1, Niderlandlar – Polşa: 1-1; Litwa – Niderlandlar: 2-3, Polşa –Finlýandiýa: 3-1

**«H»:** Awstriýa – Kipr: 1-0, San Marino – Bosniýa: 0-6; Bosniýa – Awstriýa: 1-2, Kipr – Rumyniýa: 2-2

**«I»:** Moldowa – Ysraýyl: 0-4, Italiýa – Estoniýa: 5-0; Ysraýyl – Italiýa: 4-5, Norwegiýa – Moldowa: 11-1

**«J»:** Gazagystan — Uels: 0–1, Lihtenşteýn — Belgiýa: 0–6; D. Makedoniýa — Lihtenşteýn: 5–0, Belgiýa — Gazagystan: 6–0

**«K»:** Latwiýa — Serbiýa: 0-1, Angliýa – Andorra: 2-0; Albaniýa — Latwiýa: 1–0, Serbiýa – Angliýa: 0-5

**«L»:** Farer adalary — Horwatiýa: 0–1, Garadag — Çehiýa: 0–2; Gibraltar — Farer adalary: 0–1, Horwatiýa — Garadag: 4–0




| |
|---|
| **12-nji sentýabr (anna)** |
| Baýer – Aýntraht (23:30) |
| Marsel – Loriýan (23:45) |
| **13-nji sentýabr (şenbe)** |
| **Arsenal – N. Forest (16:30)** |
| Haýdenhaým – Borussiýa D (18:30) |
| Dinamo – Spartak (18:45) |
| **R. Sosiedad – Real Madrid (19:15)** |
| **Ýuwentus – Inter (21:00)** |
| **West Ham – Tottenham (21:30)** |
| Bawariýa – Hamburg (21:30) |
| **Fiorentina – Napoli (23:45)** |
| **Atletiko – Wilýarreal (00:00)** |
| **Brentford – Çelsi (00:00)** |
| **14-nji sentýabr (ýekşenbe)** |
| Roma – Torino (15:30) |
| Börnli – Liwerpul (18:00) |
| Baltika – Zenit (19:00) |
| PSŽ – Lans (20:15) |
| **Man. Siti – M. Ýunaýted (20:30)** |
| Fenerbahçe – Trabzonspor (22:00) |
| Milan – Bolonýa (23:45) |
| **Barselona – Walensiýa (00:00)** |

# UEFA-nyň KLUB ÝARYŞLARYNYŇ TÄZE MÖWSÜMI

**Geljek hepdäniň sişenbe güni, has takygy, 16-njy sentýabrda UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň täze möwsümine badalga berler. Ilkinji hepdede diňe UEFA Çempionlar Ligasynyň duşuşyklary geçirilip, Ýewropa Ligasynyň 1-nji tapgyrynyň oýunlary 24-nji sentýabrda, Konferensiýa Ligasynyň 1-nji tapgyrynyň oýunlary-da 2-nji oktýabrda başlanar. Geçen möwsüm ilkinji gezek liga görnüşde geçirilip başlanan ýaryşyň bu formatdakysy umumylykda şowly ýagdaýda tamamlandy. Şol formatdaky 2-nji möwsümde, esasan hem, Çempionlar Ligasynda gyzykly bolmagyna garaşylýan ýa-da uly klublaryň arasyndaky duşuşyklaryň sanynyň köplügi futbol janköýerlerini hasam özüne maýyl edýär. Futbol janköýerleri şol duşuşyklara tomaşa etmäge eýýämden sabyrsyzlyk bilen garaşýar.**

Çempionlar Ligasynyň 71-nji, Ýewropa Ligasynyň 55-nji, Konferensiýa Ligasynyň bolsa 5-nji möwsümi bolup, bu 3 ýaryşyň saýlama tapgyryna 150-den gowrak klub gatnaşdy. Geçirilen 400-den köp duşuşykdan soň 3 bäsleşigiň hersine 36, jemi 108 klub final tapgyrynda çykyş eder. Şol 108 klub UEFA-nyň düzümindäki 55 ýurduň 39-syna wekilçilik eder. Geçen ýyl bu görkeziji 40-a deňdi. Şeýle-de, Malta UEFA-nyň klub ýaryşlaryna topar ugradan 52-nji ýurt boldy. Şu wagta çenli UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň final tapgyrynda ýa-da ozalky toparçalarynda 55 ýurduň diňe 3-siniň wekillerine çykyş etmek başartmady. Ýagny şu wagta çenli Andorranyň, San Marinonyň hem-de Garadagyň ýeke kluby-da UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň final tapgyryna gatnaşyp görmedi. San Marinonyň «Wirtus» topary şu möwsümde pleý-off tapgyryndan yzyna gaýtdy. Galan 52 ýurduň wekili, esasan hem, Konferensiýa Ligasynyň esaslandyrylmagyndan soň futbol ligalary pesräk hasaplanýan ýurtlaryň klublary UEFA-nyň ýaryşynda özlerini görkezip başlady.

Çempionlar Ligasynda 16, Ýewropa Ligasynda 23, Konferensiýa Ligasynda bolsa 29 ýurduň wekilleri özara bäsleşerler. Angliýa iň köp klub ugradan ýurt bolup, «Premier Liganyň» 20 klubunyň ýarysyna golaý, ýagny 9-sy UEFA-nyň ýaryşlarynda çykyş eder. Çempionlar Ligasynda ilkinji gezek 1 ýurtdan 6 topar gatnaşyp, «Tottenham» Ýewropa Ligasynyň çempiony, «Nýukasl» bolsa UEFA-nyň koefissentleriniň netijesinde ýaryşda oýnar. Ispaniýadan 8, Italiýadyr Germaniýadan hem-de Fransiýadan 7, Niderlandlardan 6, Portugaliýadan, Çehiýadan, Gresiýadan hem-de ähli topary-da Konferensiýa Ligasyna gatnaşýan Polşadan 4 klub çykyş eder.



Çempionlar Ligasyna bolsa ozal UEFA-nyň beýleki ýaryşlaryna wekilçilik eden klublaryň 4-si ilkinji gezek gatnaşyp, olar «Kairat», «Ýunion Sent-Žilliuaz», «Pafos» hem-de «Bude-Glimt» toparlarydyr. UEFA Çempionlar Ligasyna (1992-nji ýyldan bäri) adyny ýazdyran klublaryň sany 158-e ýetdi.

Norwegiýanyň çempionlary 17 ýyllyk arakesmeden soň bu ýaryşa goşular. Häzirki wagtda Norwegiýanyň goňşusy Finlýandiýadan bu ýaryşa 27 ýyldan bäri ýeke topar hem gatnaşman, bu görkeziji antirekorda deňdir. Finlýandiýadan şu wagta çenli diňe HIK topary wekilçilik edip, şol klub hem 1998/99 möwsüminde gatnaşypdy.

Çempionlar Ligasynda 2005/06 möwsüminden bäri ilkinji gezek ukrain toparlary çykyş etmezler. Ukrainanyň 2 öňdebaryjy toparlary bu gezek bagtyny Konferensiýa Ligasynda synap görerler we ikisi-de ýaryşyň çempionlygynyň esasy dalaşgärleriniň hatarynda görkezilýär.



Çempionlar Ligasynyň final tapgyryna «Real Madrid» bilen «Barselona» 30-njy gezek gatnaşyp, madridliler yzly-yzyna 29 möwsümden bäri çykyş edip gelýärler. «Bawariýa» bassyr 18-nji, umumylykda 29-njy gezek Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

Jemi 11 klub ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşyp, olar «Gou Ehed Iglz» Ýewropa Ligasynda, «Kristal Palas», «Drita», «Hamrun Spartans», «KuPS», «Raýo Wallekano», «Samsunspor», «Şelburn», «Şkendiýa», «Sigma Olomous», «Uniwersitatea Kraiowa» toparlary-da Konferensiýa Ligasynda çykyş ederler.

| | Ýurtlar | UÇL, UÝL, UKL Jemi klub sany | | | | UEFA ÇEMPIONLAR LIGASY | | | | | | UEFA ÝEWROPA LIGASY | | | UEFA KONFERENSIÝA LIGASY | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Angliýa | 6 | 2 | 1 | 9 | Liwerpul | Arsenal | Çelsi | Man. Siti | Tottenham | Nýukasl | Aston Willa | Nottingam Forest | | Kristal Palas | | | |
| 2 | Ispaniýa | 5 | 2 | 1 | 8 | Real Madrid | Barselona | Atletiko | Atletik B | Wilýarreal | | Selta | Betis | | Raýo Wallekano | | | |
| 3 | Italiýa | 4 | 2 | 1 | 7 | Napoli | Inter | Ýuwentus | Atalanta | | | Roma | Bolonýa | | Fiorentina | | | |
| 4 | Germaniýa | 4 | 2 | 1 | 7 | Bawariýa | Baýer | Aýntraht | Borussiýa D | | | Ştutgart | Fraýburg | | Maýns | | | |
| 5 | Fransiýa | 3 | 3 | 1 | 7 | PSŽ | Marsel | Monako | | | | Nissa | Lill | Lion | Strasbur | | | |
| 6 | Portugaliýa | 2 | 2 | 0 | 4 | Sporting | Benfika | | | | | Porto | Braga | | | | | |
| 7 | Niderlandlar | 2 | 3 | 1 | 6 | PSW | Aýaks | | | | | Feýenoord | Gou Ehed Iglz | Utreht | AZ Alkmaar | | | |
| 8 | Belgiýa | 2 | 1 | 0 | 3 | Ýunion SŽ | K. Brýugge | | | | | Genk | | | | | | |
| 9 | Türkiýe | 1 | 1 | 1 | 3 | Galatasaraý | | | | | | Fenerbahçe | | | Samsunspor | | | |
| 10 | Daniýa | 1 | 1 | 0 | 2 | Kopengagen | | | | | | Midtýullann | | | | | | |
| 11 | Gresiýa | 1 | 2 | 1 | 4 | Olimpiakos | | | | | | Panatinaikos | PAOK | | AEK Afiny | | | |
| 12 | Norwegiýa | 1 | 1 | 0 | 2 | Bude-Glimt | | | | | | Brann | | | | | | |
| 13 | Çehiýa | 1 | 1 | 2 | 4 | Slawiýa Pr. | | | | | | Wiktoriýa Plzen | | | Sparta Praga | Sigma Olomous | | |
| 14 | Kipr | 1 | 0 | 2 | 3 | Pafos | | | | | | | | | AEK Larnaka | Omoniýa | | |
| 15 | Gazagystan | 1 | 0 | 0 | 1 | Kairat | | | | | | | | | | | | |
| 16 | Azerbaýjan | 1 | 0 | 0 | 1 | Garabag | | | | | | | | | | | | |
| 17 | Awstriýa | 0 | 2 | 1 | 3 | | | | | | | RB Salsburg | Şturm Gras | | Rapid Wien | | | |
| 18 | Şweýsariýa | 0 | 2 | 1 | 3 | | | | | | | Bazel | Ýang Boýz | | Lozanna-Sport | | | |
| 19 | Şotlandiýa | 0 | 2 | 1 | 3 | | | | | | | Seltik | Reýnjers | | Aberdin | | | |
| 20 | Şwesiýa | 0 | 1 | 1 | 2 | | | | | | | Malmö | | | BK Haken | | | |
| 21 | Serbiýa | 0 | 1 | 0 | 1 | | | | | | | Srwena Zwezda | | | | | | |
| 22 | Horwatiýa | 0 | 1 | 1 | 2 | | | | | | | Dinamo Zagreb | | | Riýeka | | | |
| 23 | Rumyniýa | 0 | 1 | 1 | 2 | | | | | | | FKSB | | | Uniwersitatea | | | |
| 24 | Wengriýa | 0 | 1 | 0 | 1 | | | | | | | Ferenswaroş | | | | | | |
| 25 | Ysraýyl | 0 | 1 | 0 | 1 | | | | | | | Makkabi T. | | | | | | |
| 26 | Bolgariýa | 0 | 1 | 0 | 1 | | | | | | | Ludogores | | | | | | |
| 27 | Polşa | 0 | 0 | 4 | 4 | | | | | | | | | | Rakuw | Legiýa | Ýagelloniýa | Leh Poznan |
| 28 | Ukraina | 0 | 0 | 2 | 2 | | | | | | | | | | Dinamo Kiýew | Şahtýor Donesk | | |
| 29 | Irlandiýa | 0 | 0 | 2 | 2 | | | | | | | | | | Şamrok Rowers | Şelburn | | |
| 30 | Malta | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Hamrun Spartans | | | |
| 31 | Finlýandiýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | KuPS | | | |
| 32 | Kosowo | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Drita | | | |
| 33 | Bosniýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Zrýinski Mostar | | | |
| 34 | Gibraltar | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Linkoln R. Imps | | | |
| 35 | D.Makedoniýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Şkendiýa | | | |
| 36 | Ermenistan | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Noa | | | |
| 37 | Slowakiýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Slowan | | | |
| 38 | Sloweniýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Selýe | | | |
| 39 | Islandiýa | 0 | 0 | 1 | 1 | | | | | | | | | | Breidablik | | | |











## Günorta Amerika zolagynyň saýlama tapgyry tamamlandy

**Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama tapgyrynyň çäginde Günorta Amerika zolagyndaky duşuşyklar tamamlandy. 17-18-nji oýunlardan öň Argentinadyr Braziliýanyň hem-de Ekwadoryň ýygyndylary Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanypdy. 17-nji oýunlardan soň olaryň hataryna Urugwaýyň, Kolumbiýanyň, Paragwaýyň milli toparlary-da goşuldy.**

17-nji tapgyryň çäginde geçirilen 5 duşuşygyň 4-sinde ýer eýeleri 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1 duşuşykda-da hasap açylmady.

**Messiniň Argentinadaky iň soňky resmi duşuşygy**

Argentinanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Wenesuelany Lionel Messiniň (39, 80) hem-de Lautara Martinesiň (76) gollary bilen 3–0 hasabynda utdy. Bu duşuşyk Lionel Messiniň Argentinanyň ýygyndysy bilen ýerli meýdançadaky iň soňky resmi duşuşygy bolup, oýundan soň super ýyldyz janköýerler bilen duýguly ýagdaýda hoşlaşdy.





Karlo Ançelottiniň tälimçiligindäki Braziliýanyň ýygyndysy Çilini Estewao (28), Paketa (72) hem-de Bruno Gimaraýns (76) dagynyň gollary bilen 3–0 hasabynda utdy.

Kolumbiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Boliwiýanyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary Hames Rodriges (31), Jon Kordoba (74) hem-de Jon Kintera derwezä girizip, Kolumbiýanyň ýygyndysy 8 ýyllyk arakesmeden soň 7-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder (1962, 1990, 1994, 1998, 2014, 2018, 2026).



Şol netije Montewideodaky meşhur «Estadio Centenario»-da hem hasaba alnyp, Urugwaýyň ýygyndysy Perunyň ýygyndysyndan Agirreniň (14), De Arrakaetanyň (58) hem-de Winýasyň (80) gollary esasynda 3–0 hasabynda üstün çykdy. Urugwaýyň ýygyndysy bassyr 5-nji, umumylykda-da 15-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (1930, 1950, 1954, 1962, 1966, 1970, 1974, 1986, 1990, 2002, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026).

Öz meýdançasynda Dünýä Kubogyna öň ýollanma alan Ekwadory kabul eden Paragwaýyň ýygyndysy golsuz deňme-deň oýnady. Bu deňlik Günorta Amerika zolagynyň saýlama tapgyrynyň duşuşyklarynyň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda, olaryň Dünýä Kubogyna gatnaşmak hukugyny gazanmagy üçin ýeterlik boldy. Paragwaýyň ýygyndysy soňky gezek 2010-njy ýylda Dünýä Kubogyna gatnaşypdy. Bu olaryň 9-njy synanyşygy bolar (1930, 1950, 1958, 1986, 1998, 2002, 2006, 2010, 2026).

Günorta Amerika zolagynyň saýlama tapgyrynyň 18-nji duşuşyklarynda 3 oýun 1–0 hasabynda tamamlandy. Ekwador Argentinany Walensiýanyň (45+13 p), Paragwaý myhmançylykda Peruny Galarzanyň (78), Boliwiýa bolsa Braziliýany Terserosyň (45+4 p) goly esasynda 1–0 hasaplar bilen ýeňdi. Boliwiýanyň gazanan bu ýeňşi olary 7-nji orna çykardy. Şunlukda, Boliwiýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin yklymlararasy pleý-off tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy. Yklymyň Dünýä Kubogyna gatnaşyp görmedik ýeke-täk ýygyndysy bolan Wenesuelanyň milli topary öz meýdançasynda Kolumbiýanyň ýygyndysyndan 6–3 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollarynyň 4-sini Luis Suares geçirdi. Ol milli toparda ilkinji gezek tapawutlandy. Segowa, Martines hem-de Rondonyň gollary ýeňşe ýetmän, Wenesuelanyň ýygyndysy sanawda 8-nji orna düşüp, ýaryşy dowam etdirmek mümkinçiligini elden giderdi.

Saýlama duşuşyklaryň iň köp ünsi çeken topary Ekwadoryň ýygyndysy bolup, olar 29 utuk bilen Argentinadan soň 2-nji orny eýeledi. Argentinaly Sebastian Bekkaseseniň tälimçiligindäki Ekwadoryň ýygyndysy 18 oýnuň diňe 2-sinde (Argentinadyr Braziliýanyň ýeňlişlerinden hem az), myhmançylykda Argentina bilen Braziliýadan 1–0 hasaplar bilen ýeňildi. 8 oýunda ýeňiş gazanan Ekwadoryň ýygyndysy 8 duşuşykda-da deňme-deň oýnady. Deňlikde tamamlanan oýunlaryň ählisi-de golsuz bolup, şolaryň 5-si myhmançylykda hasaba alyndy. Öz meýdançasyndaky oýunlarda 2, myhmançylykdaky duşuşyklarda-da 3, jemi 5 gol geçirden ekwadorlylar 14 gol geçirdiler. Ýaryş başlanmanka olaryň 3 utugy aýrylyp, ýagny -3 utuk bilen başlapdylar. 6 oýunda utulan Braziliýanyň ýygyndysy taryhyndaky iň şowsuz saýlama tapgyryny geçirdi. Olar mümkin bolan 54 utugyň 28-sini alyp, 51 göterimlik başarnyk gazandylar.





8 gol geçiren Lionel Messi saýlama tapgyryň Günorta Amerika zolagyboýunça iň köp gol salan futbolçysy bolup, ol şeýle derejäni ilkinji gezek gazandy.

**GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 18 | 12 | 2 | 4 | 31-10 | 38 |
| 2 | EKWADOR | 18 | 8 | 8 | 2 | 14-5 | 29 |
| 3 | KOLUMBIÝA | 18 | 7 | 7 | 4 | 28-18 | 28 |
| 4 | URUGWAÝ | 18 | 7 | 7 | 4 | 22-12 | 28 |
| 5 | BRAZILIÝA | 18 | 8 | 4 | 6 | 24-17 | 28 |
| 6 | PARAGWAÝ | 18 | 7 | 7 | 4 | 14-10 | 28 |
| 7 | BOLIWIÝA | 18 | 6 | 2 | 10 | 17-35 | 20 |
| 8 | WENESUELA | 18 | 4 | 6 | 8 | 18-28 | 18 |
| 9 | PERU | 18 | 2 | 6 | 10 | 6-21 | 12 |
| 10 | ÇILI | 18 | 2 | 5 | 11 | 9-27 | 11 |

Urugwaý — Peru: 3-0, Kolumbiýa — Boliwiýa: 3-0, Paragwaý — Ekwador: 0-0, Argentina — Wenesuela: 3-0, Braziliýa — Çili: 3-0; Ekwador — Argentina: 1-0, Peru — Paragwaý: 0-1, Wenesuela — Kolumbiýa: 3-6, Boliwiýa — Braziliýa: 1-0, Çili — Urugwaý: 0-0

## MAROKKONYŇ hem-de TUNISIŇ ýygyndylary 7-nji gezek gatnaşar





Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäginde Afrika yklymyndan ýollanma alan ilkinji 2 topar belli boldy. «E» toparçada öz meýdançasynda Nigeriň ýygyndysy bilen duşuşan Marokkonyň ýygyndysy 5-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Saibari (29, 38), El Kaabi (51), Igamane (69) hem-de Unahi (84) geçirdi. Utugyny 18-e çykaran Marokkonyň ýygyndysy 2-nji ýerdäki Tanzaniýadan 2 tapgyr galanda, 8 utuk öňe saýlanmagy başardy. Şunlukda, Marokkonyň ýygyndysy bassyr 2-nji, umumylykda 7-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy (1970, 1986, 1994, 1998, 2018, 2022, 2026).

Afrika zolagy boýunça Marokkodan soň Tunisiň ýygyndysy hem final tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy. «H» toparçada çykyş edýän Tunisiň ýygyndysy myhmançylykda Ekwator Gwineýasyny Ben Romdhaneniň 90+4-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda 1-0 hasabynda ýeňdi. Şunlukda, Tunisiň ýygyndysy 2-nji ýerdäki Namibiýadan 10 utuk öňe saýlanyp, Dünýä Kubogynda çykyş etmäge ygtyýar aldy. Tunisliler bassyr 3-nji, umumylykda-da 7-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (1978, 1998, 2002, 2006, 2018, 2022, 2026).

Müsüriň, Kabo Werdeniň, Alžiriň ýygyndylarynyň hem oktýabr aýynda geçiriljek oýunlarda Dünýä Kubogy 2026-nyň petegini gazanmagyna garaşylýar.

## «Nottingam Forestiň», «Fenerbahçeniň», «Baýeriň» täze tälimçileri

«Premier Liganyň» wekili «Nottingam Forest» topary tälimçisini çalyşdy. Ençeme ýyldan soň UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýan toparyň portugaliýaly tälimçisi Nunu Eşpiritu Şantu wezipesinden boşadyldy. Geçen möwsümiň ahyrlaryndaky şowsuz netijelerden soň Şantu bilen klubuň eýesiniň arasynda düşünişmezlikler peýda bolup başlapdy. Netijede bolsa, portugaliýaly tälimçiniň bu klubdaky 2 ýyla golaý başdangeçirmesi tamamlandy. Şantu «Nottingam Forest» toparyna 73 oýunda (28 ýeňiş, 20 deňlik, 25 ýeňliş) tälimçilik etdi. Onuň ornuna awstraliýaly Anj Postekoglu toparyň tälimçiligine bellendi. Nottingamşaýrlylar 60 ýaşyndaky tälimçi bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol iýun aýynda «Tottenham» toparynyň tälimçiliginden boşadylypdy. Postekoglu «Tottenham» toparyny Ýewropa Ligasynyň çempiony edip, kluba umumylykda 17 ýyldan soň, şol sanda UEFA-da 41 ýyldan soň ilkinji kubogyny gazandyrypdy. Ýöne muňa garamazdan, çempionatdaky şowsuz möwsümden soň ol klubdan ugradylypdy. Postekoglu Awstraliýada birnäçe kluba, Gresiýada «Panaçaiki», Ýaponiýada «Ýokohama F. Marinos», Şotlandiýada «Seltik» klublaryna tälim beripdi. Awstraliýanyň ýygyndysyny Aziýanyň çempiony eden Postekoglu «Seltik» toparyna-da Şotlandiýanyň çempionlygyny gazandyrypdy.









Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparynyň hem täze tälimçisi belli bolup, stambullylar portugaliýaly Žoze Mourinionyň ornuna şu gün 40 ýaşan Domeniko Tedeskony wezipä belledi. Italiýanyň hem-de Germaniýanyň raýatlygy bolan italýan tälimçisi «Fenerbahçe» bilen 2 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. Germaniýanyň aşaky ligalarynyň wekili «Erzebirj Aue» toparynda tälimçilige başlan Tedesko «Şalke», «Spartak Moskwa», «Leipsig» klublary bilen bir hatarda, Belgiýanyň milli ýygyndysyny hem türgenleşdirdi.

Erik ten Hagy topardan ugradan «Baýer» kluby täze tälimçisini mälim etdi. 53 ýaşyndaky daniýaly Kasper Ýulmann lewerkuzenlileriň täze tälimçisi wezipesine bellendi. Ol «Baýer» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ýurdunyň «Lýungbýu», «Norşellann», şol sanda Germaniýanyň «Maýns» klublarynda işlän Ýulmann, Daniýanyň milli ýygyndysyny 4 ýyllap türgenleşdirip, Euro 2020-de ýarym finala çykarypdy.